TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Taryh ylymlarynyň doktory Ý.Orazgylyjow

# TARYHY ÖWRENMEGIŇ USULYÝETI WE TARYHY

Aşgabat – 2010

Taryh ylymlarynyň doktory Ý.Orazgylyjow, **Taryhy öwrenmegiň usulyýeti we taryhy.**
Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

# GIRIŞ

**Taryh ylmy barada.** Garaşsyzlyk ýyllarynda, esasan-da Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ata Watanymyzyň taryhyny çuňňur öwrenmäge we hemmetaraplaýyn öwrenmäge, türkmen halkynyň taryhy köklerine täzeçe garamaga giň ýol açmakda uly ýardam berýär. Türkmenistan Watanymyzyň gadymy topragy umumyadamzat medeniýetiniň siwilizasiýasiýasynyň ilkinji ojaklarynyň biridir. Garaşsyzlyk ýyllarynda täze gazuw-agtaryş işleri netijesinde ýüze çykarylan açyşlar türkmen taryhynyň henize çenli näbelli bolan sahypalaryny açdy. Bu açyşlar biziň milli taryhymyzyň gatlaryny baýlaşdyrýar. Orta asyrlarda ruhy medeniýetimizde uly yz galdyran ulamalarymyzy we olaryň döredijiligini halkara derejesinde çuňňur öwrenilmegi milli ruhy medeniýetimiziň taryhyny baýlaşdyrýar. Bularyň ählisi talyp ýaşlaryň, ata Watanymyzyň her bir raýatynyň watançylyk duýgularyny kämilleşdirmekde, ösdürmekde öz täsirini ýetirýär.

2007-nji ýylyň sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assembleýasynyň 62-nji sessiýasyna gatnaşmak üçin ABŞ-da bolan döwlet saparynyň dowamynda, ýagny sentýabr aýynyň 24-nde Hormatly Prezidentimiz Kolumbiýa uniwersitetiniň alym mugallymlary we talyplary bilen duşuşdy. Kolumbiýa uniwersitetiniň münberinden eden çykyşynyň başynda Hormatly Prezidentimiz özüniň iňňän gadymy siwilizasiýalaryň sebiti bolan Merkezi Aziýadan gelendigini aýdyp: “Biziň topragymyzda birmahallar meşhur bolan Parfiýa patyşalygy, ägirt uly Seljuklar imperiýasy, Ürgenç imperiýasy we beýleki döwletleriň ençemesi ýerleşdi, olar özünden soň örän gadymy siwilizasiýalaryň köp sanly ýadygärliklerini galdyrdy. Şol ýadygärlikler geçmişde beýik sepgitlere ýetilendigine, biziň sebitimiziň gülläp ösendigine

şaýatlyk edýär” diýip belledi. Geçmişde türkmen topragynda gazanylan üstünliklere duşuşyga gatnaşýanlaryň ünsüni çekmek bilen Hormatly Prezidentimiz: “Türkmenistan tebigy ýadygärliklere we gadymyýetiň taryhy ýadygärliklerine örän baýdyr. Diňe bir ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawynyň özüne gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý galalary ýaly täsin ymaratlar girizilendir. Şol sanawa ýene köp ýerleriň atlaryny, mysal üçin, Änew şähristanyny, gadymy Dehistany, tebigy ýadygärlikler bolan Köýtendagyň gözelligi boýunça haýran galdyrýan gowaklary, dinozawrlaryň platosy, Bathyz, Garagum çöli, Hazar deňziniň kenarýakasy ýaly ýerleriň we heniz öwrenilmmäge we barlanylmaga degişli bolan ençeme beýleki ýerleriň atlaryny goşmak bolar. Türkmenistan tutuş alnanda syýahatçylarda hem, alymlarda hem bir meňzeş gyzyklanma döredýän gadymylyklaryň hazynasydyr” diýip, aýratyn nygtap aýtdy. Hormatly Prezidentimiziň aýdanlaryndan möhüm bir pikir gelip çykýar: döwletiň halkara gatnaşyklar ulgamynda üstünlikli çykyş etmegine geçmiş, taryhy tejribe hem uly täsir edýär. Türkmen halkynyň geçmişde döreden kuwwatly döwletleri öz döwründe dünýä syýasatynda, halkara gatnaşyklar ulgamynda möhüm, syýasat kesgitleýji güýç boldylar, bu bolsa häzirki döwürde–XXI asyrda Türkmenistan döwletinde häzirki zaman dünýä syýasatynda halkymyzyň geçmişdäki belentliklerine mynasyp, görnükli orun eýelemäge bolan kanuny islegleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň dowamynda Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap iki hadysany Türkmenistanyň–dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bir bölegidigini hem-de taryhda we medeniýetde özüniň tapawutly, täsin, özboluşly ýolunyň bardygyny aýratyn nygtap geçdi. “Türkmenistanyň daşarky dünýä babatdaky çemeleşmelerine düşünmegiň açary biziň ýurdumyzyň syýasatynyň ýörelgeleriniň esasynda durýan filosofik binýat hut şundan ybaratdyr” diýip Hormatly Prezidentimiz örän ýerlikli belledi.

Taryh halkyň ykbalydyr. Halkyň geçmiş hakydasy. Aýdylyşyna görä, paýhasly adam (Homo sapiens) dünýä inip, onuň 1600 gezek nesili çalşypdyr, ýa-da adamlaryň 1600 nesili dünýäden ötüpdir. Şol nesilleriň her biri ýöne iýip-içip ötmän, eýsem ruhy ahlak taýdan bir zat galdyrypdyr.

Taryh şol nesilleriň hemmesi barada halkyň ýady, hakydasy; şol nesilleriň hemmesinden galan ruhy-ahlak baýlygynyň hazynasy. Taryh giden paýhas, giden akyl. Ol diňe ýeňişleriň, şatlyk-şagalaňyň däl-de, eýsem hasratly wakalaryň, jebir jepaly günleriň-de beýany.

Düşünip alyp bilene taryhda saçak kän. Şonuň üçin şalar-hanlar taryhdan ýurdy nädip dolandyrmagy, şowsuzlyklary nädip ýeňip geçmegi öwrenen bolsalar, il-gün ondan has jebir-jepaly ýyllaryň hem bolandygyny bilip şükür etmegi, sabyrly bolmagy öwrenipdir.

Taryh halkyň keramatlly kitaby. Ol halkda öz geçmişine buýsanç, geljegine ynam döredipdir. Halk öz taryhyna takdyryna ynanyşy ýaly ynanypdyr. Şonuň üçin hem ol taryhy ýagşy beýän edýänlere  pygamber ýaly seredipdir. Bu ýerde Gorkut atany, Alişir Nowaýyny, Magtymgulyny ýatlamak ýeterlikdir. Olar diňe bir şahyr däl eýsem beýik taryhçylardyr. Olar halkyň geçmişini örän oňat bilip, şonuň esasynda onuň ýüregine ýol tapan beýik söz ussatlarydyr. Ozal taryha bolan garaýyş şeýledi.

**Söwet häkimiýeti ýyllarynda taryh ylmy.** Söwet häkimiýeti ýyllarynda taryh abraýdan gaçdy, iň gyzyksyz, tukat kitaba öwrüldi. Sebäbi taryha “ marksistik-leninçilik” garaýyşlar örän gödek ýalňyşlyklara ýol berdiler.

Taryha marksistik-leninçilik garaýyşynyň esasy ýörelgeleri: Taryh prosesine sosial-ykdysady formasiýalaryň biri-biri bilen çalşmagynyň, synplaryň biri-biri bilen dyngysyz göreşiniň jemi hökmünde seredilipdir. Bu hökmän bolaýmasy zat, galan zatlar: önünmçiligiň taryhyna, medeniýetiň, diniň,

filosofiýanyň we ş.m. ösüşine synpy göreş nukdaý nazaryndan garalypdyr.

K.Marksyň 1852-nji ýylyň Nowruz aýynyň 5-nde Iosif Weýdemeýere ýazan haty: häzirki zaman jemgiýetinde synplaryň bardygyny, olaryň özara göreşýändigini men açamok. Ony buržuaz taryhçylary menden has öň açypdyrlar. Meniň açyşym şu aşakdakylardan ybarat:

- Synplar önümçiligiň taryhy ösüşiniň beli bir etapynda ýüze çykypdyr;
- Synpy göreş hökmäni suratda proletariýat diktaturasyna alyp barýar;
- Priletariat diktaturasynyň özi-de diňe synplaryň ýok bolmagyna we synpsyz jemgiýete geçilýän döwür üçin mahsusdyr.

Adamzadyň ösüşinde sosial-ykdysady formasiýalary düýbünden inkär etmek ýa-da jemgiýetde synplar, synpy göreş bolmandyr diýmek öte geçildigi bolar. Elbetde, adamzadyň ösüş derejesini tapawutlandyrmak, barlyny barsyzdan aýyl-saýyl etmek üçin bir kesgitleme gerekdir. Onsuz bolmaz. Ýöne bu ýerde goýberilen düýpli ýalňyş: şol ülňileriň absalýut ynanja öwrülmegidir, şolaryň "güýji bilen" hökmany bolaýjak zatlara bil baglap oturylmagydyr.

Gündelik durmuşda bir ýa-da birnäçe adam ýalňyşlygy jemgiýete zyýanly bolup biler. Nazary ylymda ýalňyşylyp, onsoň "dawa edip gaplap" milionlarça adamlar betbagytlyga sezewar boldy.

Taryha marksistik-leninçilik garaýşyň prinsipleri:

- partiýalylyk: haýsy partiýa degişli – komministikmi ýa-da buržuaz partiýasyna aralyk ýok; şolaryň haýsyda bolsa birine uýýan bolaýmalydy. Munuň özi taryhy dar çäklere gabady.

- obýektiwli: öwrenilýän meseläniň onbýektini anyklamaly, beýleki meseleleriň içinde onuň ornuny kesgitlemeli; onsoňam meseläni hemme tarapdan analizlemeli.

Bu dogry talap. Ýalňýş ýeri-meseläniň hökmany suratda synpy göreş nukdaý nazaryndan öwrenilmegidir.

Marksistik-leninçilik taglymat adamzat jemgiýetiniň ösüşini sosial-ykdysady formasiýalara bölüp, şoňa-da kanunalaýyklylyk hökmünde, ýagny hökman bolaýmaly zat hökmünde berk ynandy. Şol kanunalaýyklylyga görä, kapitalizm, onda-da onuň "ýokary stadiýasy bolan imperializm" öz ornuny hökmany suratda sosializme beräýmelidi. Leniniň pikirine görä, imperializm-ölüp barýan kapitalizmdi, ol sosializmiň öň ýanyndaky duran basgançakdy. Elbetde, bu – sosializmi "ynjaldyrsa", kapitalizmi tijenmäge mejbur edipdi. Şu jähtden alnanda, Oktýabr ynklaby sosializme garanyňda kapitalizme has köp peýda getirdi diýilýäni dogrudyr.

Tuuş taryha, ähli döwürlere synpy göreş nukdaý nazaryndan garaldy. Taryhy proses öwrenilende halk görülmän, haýsydyr bir "baýlar" ýä-da "garyplar" seljeriljek bolundy. Bu bolsa geçmişe bölek-büçek wakalar faktlar hökmunde garamaklyga getirdi.

Ýene bir ýalňyş: oňa Marksam, Leninem günäkär däl, söwet döwründe  ýurduň ösüş derejesini dünýäniň öňde barýan ýurtlary bilen hem däl-de ynklabyň öň ýanyndaky öz derejesi (1913ýyl) bilen deňeşdirildi. Bu bolsa ýurduň öz-özünden göwni hoş bolup aldanmagyna, häzirki zaman ylmy tehniki ynklabynyň köp babatlarda gapdalynda galmagyna getirdi.

Häzirki döwürde taryh ylmynyň ösüşi.

Häzirki zaman taryh ylmynda krizis ýuze çykdy. Bu krizis esasanam sowet taryhyna degişlidir. Ondan çykmak üçin ýurda 2 gezek synanyşyk edildi: 60-njy ýyllarda we häzirki wagtda.

- Birinji synanyşyk 50-nji ýyllaryň ahyry 60-njy ýyllaryňşlatrynda jemgiýetçilik ylymlaryna, teoriýa uly gyzyklanma döredi. Metbugatda ylmy çeşmeler guraldy. Taryhçylar, filosoflar näme üçin jemgiýetçilik ylymlaryň

abraýdan gaçanlygyny näme üçin taryhyň gyzyksyz ylma öwrülendiginiň sebäplerini biljek bolup kelle döwüpdiler. Taryhy halk gyzyklanyp okar ýaly etmek üçin teklip baryny aýdypdyrlar. Ýöne, bary bir, taryh ylmy ýerinden gozganmandy. Sebäbi, taryhçýlar krizisden çykmagyň tärlerini marksistik-leninçilik konsepsiýanyň çäklerinde gözläpdiler. Şol konsepsiýanyň özünde ýalňyşlyk gidendigi bolsa hiç kimiň kellesine gelmändi. Tersine, “arassa” marksizme-leninizme dolanmaly, taglymaty stalinçilik ýoýulmalardan arassalanmaly diýen teklipler öňe sürlüpdi. Her niçikde bolsa ol synanyşyk boş geçmedi. Taryhçylaryň gözleri giňiräk açylyp, “ TK (b) P – nyň taryhynyň gysgaça kursunyň” çäklerinde aňyrsyndaky zatlary hem gördüler, Staliniň sitatalaryny gaýtalap oturmakda az kem saglandylar.

- Ikinji synanyşyk 1985-nji ýylda başlandy. Ýöne başda ýene-de “lenini täzeden okamaklyga” onuň taglymatyny stalinçilik ülňülerden saglamaklyga çagyryp, ýaňlandy. “ Täzeden okap” gördüler. Hiç hili ähmiýeti bolmady. Tarydaky “ak” hem-de “gara” tegmilleriň daşyna geçildi. Buda netije bermedi. Ahyr soňy belanyň körüginiň şol taglymatyň özündedigine akyl ýetirildi.

Durmuşda birneme üzňe marksizm-leninizm nusgawylarynyň hyýalbentliginde taslanan “sosial-ykdysady formasuýalar baradaky kanunalaýyklygyň”, ynklaplaryň taryhy prosesiň “Lokomotiwi”, synpy göreşiň hem onuň “motorydygy” baradaky “ dawa edip gaplanylan”ideologik ýörelgeler durmuşyň synagyndan geçip bilmedi. “taryhyň kanunalaýyklyklaryna” hudaýa ynana ýaly ynamly “ alma biş, agzyma düş” edip kapitalizmiň “çüýremegine” näçe diýseň garaşyldy. Emma “kapitalizm çüýremedi”, “ýegty geljegem” gelmedi. Tersine, kapitalizm birneme häsiýetini üýtgedip has kuwwatly düzgüne öwrüldi, sosializm bolsa onuň “tozanynam eýgerip bilmän” durgunlyk layyna batdy.

Diýmek, diňe bir “ak” ýada “gara” tegmili aýranyň bilen geçmiş hakykatyny dogry beýan edip bolmajagy ekeni. Taryha düýpgöter başgaça çemeleşmeli ekeni. Bu bolsa has çylşyrymly, has möhüm mesele. Bu prinsilial metodologik talap. Metodologiýa “metoda” we “logos” diýen grek sözlerinden gelip çukan (“ put poznaniýa”), hakykaty bilmgiň yoly, usuly diýen manyny berýär.

Taryhy döwre başgaça çemeleşmek diýmek näme?

Taryhy prosesiň mazmuny adamzadyň ösüşini aňlatmaly. Taryh ýyllaryň ýa-da synplaryň göreşiniň beýany bolmaly däl. Taryh adamlaryň, halkyň durmuş-ýaşaýyş beýäny bolmaly.

Taryhy döredýän adam, ony ýazýanam adam. Adam bar ýerinde taryh bar. Taryh- pelegiň çarhy. Ol hiç kimiň erkine bagly däl: aýlanyp dur. Diýmek gep onuň nähili beýän edilişinde. Gep ony beýän edýän adamyň özünde.

Taryhy ýazýän kim? Onuň dünýägaraýyşy, dini ynanyşy, ahlagy, halaly-haramy, haky-nähaky saýgaryşy nähili? Umuman, oňa unanyp boljakmy? Megerem, taryhyň metodologiýasynda bu iň esasy sowaldyr?! Taryhçynyň ýazýan zadyna ynanmasalar onda ol işiň geregi ýok. Köne taryhçylara ynanypdyrlar. Indi beýle däl. Adamlary ynandyrmak üçin näme iş etmeli?

Yazyan zadyň geçmiş hakykatyna golaý bolmaly. Näçe golaý bolsa, şonça-da ynandyryp bolar. Ol hakykaty doly beýan etmek bolsa sowet döwründe hiç kime başartmandyr. Sebäbi durmuş has çylşyrymly, has köp öwüşginli bolupdy.

Ýazjak bolýan döwrün taryhy çeşmeleri bilen taryhyň arasynda baglanyşyk döremeli. Has takygy taryhçy beýan edýän döwrüniň adamlarynyn dünýäsine aralaşmaly.

Taryhy çeşmeler bilen “gepleşmegi”, olardan öz soraglaryň ajogap almagy başarmaly. Has takygy taryhy çeşmeleriň ýanyna öz soraglaryň bilen barmaly. Taryhçy soramasa, taryhy çeşme oňa “akylly-başly” jogap bermez.

Beýan edýän wakalaryň “tanşan” adamlaryň dünäýsine aralaşanyňdan soň olaryň logikasyna paýhasyna diň salmaly. Şonda olar taryhça yadyna- oýuna düşmeýän maglumatlary-da aýdyp biler, hat-da oňa akyl berip ony döwrüni diňledip başlan işini “sökdüribem” biler.

Diýmek, taryça diňe öten-geçenlerden soraman" “synag” almak ýeterlik däl ekeni. Taryhçy olar bilen maslahatlaşyp olarda akyl-paýhas hem öwrenýän eken.

Başgaça aýdylanda taryhçy geçmiş hakda, şol döwrün adamlary hakda ölo geçmiş, öli adamlar hökmünde dä-de janly durmuş diri adam hökmünde göž öňüne getirjek bolmaly.

Iň esasy ýetmeýän we ýetirmeli zat

Taryhy ýazmaklygyň öňki shemasy: Bazis we nadstroýka. Ýagny sosial-ykdysady formasiýa we şoňa laýyklykda synplar, synpy göreş, döwlet organlary, olaryň durmuşy “gowlandyrmak boýunça” alyp baran işleri. Ine şular bolsa bolany. Beýleki zatlaryň hemmesi “ownuk”, üns bermeseň bolýar diýilip düşünildi.

Sosial-medeni durmuş, moral-ahlak, din, däp-dessur meseleleri, adamlaryň özara gatnaşyklary, gündelik durmuşyň şol “ownuk” zatlar bolup olar ünsden düşürilýärdi.

Indi taryh beýan edilende “bazes-nastroýka” shemasy boýunça däl-de, taryhyň tebigy ösüş ýagdaýy, ýagny hojalygy, medeniýeti, jemgiýetçilik durmuşy, moral-ahlak meseleleri, adamlaryň şatlyk gaýgysyny, has takygy durmuşy hemme taraplary we ähli öwüşgünlikleri boýunçä görkezjek bolmaly.

Türkmenistanyň taryhy. Ol iň gadymy döwürlerden bäri beýan edilipdir. Söwet häkimiýeti ýýllarynda ähli wakalar “sosial-ykdysady formasiýalar, synplar, synpy göreşler” atly ideologiýa ülňilere gabalypdyr. Şonuň üçin hem türkmeniň örän gadymy baý taryhy guraksy, gyzyksyz taryh bolup çykypdyr.

Elbetde siz ol taryhdan türkmeniň aty, halysy, sazy, şaý-sepleri, moral-ahlagy gylyk-häsiýetleri, şatlyk, gaýgysy

hakda doly maglumat tapmarsyňyz. Diýmek, türkmeniň hakyky taryhy söwt häkimiýeti ýyllarynda beýän edilmändir.Hakyky taryh Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ryhnamasynda ilkinji gezek beýan adilýär.

## Usulyýet we usullar.

**Ylmy döredijilik işiniň usulyýeti.** Döredijilik näme. Haýsy-da bolsa bir täze zady döretmek döredijilik adamlaryň işiniň dürli ugurlaryna mahsusdyr ýa-da ol adamynyň işiniň islendik ugrunda bolup biler: Ylmy işde, önümçilik tehniki, çeperçilik işlerinde we ş.m.

Biz ylmy döredijilik barada aýtmakçy bolýas. Ol daşky, ýagny özüňi gurşap alan dünýäni öwrenmek, oňa akyl ýetirmek bilen baglanşykly. Ylmy döredijilik önümçilik tehniki döredijilik bilen bagry badaşan-utgaşykly hereket edýär. olary gysgaça “ylmy tehniki” döredijilik diýip hem atlandyryp bolar.

Adamzadyň bütin taryhy ylmy –tehniki döredijiligiň taryhy. Adamzat hemişe täze zadyň gözleginde bolupdyr. “Synag etmek-ýalňyşmak” usuly boýunça özüne gerekli zatlaryň bihasap köp görnüşini synag edip görüpdir. Sansyz gezek ýalňyşyp-düzedip, ahyryna “gerekli daşyny” tapypdyr. Mysal üçin, ilkidurmuş ussalarynyň ýasan daş gurallary. Olar gödek ýasalan, emma şolaram ýasamak üçin zamanasynyň zehini daş ýaran ussalary azap baryny çekipdir. Hasaplamalara görä, ilkidurmuş ussasy daş paltany ýasamak üçin azyndan 30 sagat zähmet çekipdir. Ýöne ol ozal azap edeniňe degýän zatdyr: öz zamanasynda örän uly öňe gidişlikdi.

Mundan 300-150 müň ýyl ozal çakmak daşynyň kömegi bilen alnan ot, ýa-da has soňrak ok-ýaýyň tapylmagy –bular öz döwrüniň örän synçy, juda paýhasly adamlarynyň eden ägirt uly açyşlarydy. Ol açyşlar ilkidurmuş jemgyýetinde gazanylan ägirt uly ähmiýetli ýeňişlerdi.

Antik döwrüň beýik alymlarynyň biri Plini Starşiý (b.e.1 asyry) özüniň kö tomluk “tebigatyň taryhy” diýen işinde gadymy adamlaryň oýlap tapyşlary barada gymmatly maglumatlar ýazypdyr. Onuň aýtmagyna görä ilkidurmuş adamlarynyň ot-çöplerden derman edişleri, olaryň syryny bilip, “diline düşünişleri” haýran galdyrýar. Gadymyýetde ot-çöp, janly-jandar hemme zat barlanyp görlüpdir. Başgaça aýdylanda bilesigelijilik adamyny “oda-köze” salypdyr. Ol geň-enaýy zatlaryň gözleginde altyn kümüş tapyp olardan dürli gap-gaçlar şaý-sepler ýasapdyr. Ýasan zatlaryny nagyşlap görüpdir. Kanagat tapmandyr. Soň selpäp ýörşine gymmatly daşlaryň üstünden baryp aly bilenini alypdyr. Kanagatlanmandyr. Başyňy aýlaýan içgiler ýasap, içip görüpdir. Bolmandyr. Ýene-de gözlemäge çykypdyr. Şu irginsiz argynsyz gözleg adamzat jemgyýetini öňe itekläpdir.

Plini Starşiniň aýtmagyna görä, kümüşden ýüz görülýän aýnalaryň her dürli görnüşleri, hat-da çişik ýa-da gyşyk çaýşyk görkezýärlerde ýasalypdyr. Onsoňam aýnanyň arka tarapynyň altyn çaýylsa şekiliň has anyk we dury göründigi belli bolupdyr. Reňkleriň hem eýýäm köp görnüşleri ulanylypdyr. Mysal üçin, Müsürde diňe bir matalar däl, eýsem geýlip könelen egin-eşikleri reňkläp täzelemegiň örän netijeli usullary ulanylypdyr. Gymmat baha daşlaryň hem örän köp görnüşleri şaý-sepleriň ýasalyşynda, ymaratlaryň bezeginde eýýäm ulanyşa girizilen eken. Diňe bir mermer daşynyň hili we öwüşginleri boýunça görnüşleri sanap çykardan köp bolupdyr.şu döwre çenli daşlary ýonup, ondan şekilleri ýasamagyň tehnologiýasynyň ýeten derejesi haýray galdyrypdyr. Binagärçilikde daşlaryň ummasyz köp görnüşleri ýol gurluşygynda tebigy asfalt (suwuk), ak görnüşleri ulanylypdyr. Käbir maglumatlara görä demir asyrlarynyň (b.e.öň 1 müň ýyllyk) başlarynda durmuşda ulanylýan himiki elementleriň sany 18-e ýetipdir. XVII asyrda bu görkeziji 25-e

ýetipdir. XX asyryň başlarynda 54-e, ortalarynda 97-ä barabar bolupdyr [2].

XX asyryň ortalaryna çenli ylymda we tehnikada ägirt uly açyşlar edilipdir. Awtomobiller, lokomotiwler, samolýotlar oýlanyp tapylyp durmuşa giň ornaşdyrylypdyr. Adamzat diňe ýerde däl, gökden hem ýol ýasapdyr. Radio, telewideniýe, telefon oýlanyp tapylypdyr. Bularyň barysy ylymyň ylmy-tehniki döredijiligiň gazananlary bu ägirt uly açyşlar adamzadyň köp müşgilliklerini aňsat edipdir.

Oturan ýerinde dünýäni görmäge, islendik ýer bilen gepleşmäge mümkinçilik alypdyr. Elbetde bu zatlar öz-özünden bolmandyr. Alymlar, oýlap tapyjylar örän uzak hem tutanýerli, irginsiz, argynsyz zähmet çekipdirler. Şansyz sajaksyz tejribeler geçirip progrese ýol arçap azap baryny çekipdirler.

Bir mesele. Moskwada Żukowskiý şäherindäki merkezi aero gidrodinamiki institutda samolýotlaryň ilkinji nusgalarynyň ýasalyşy we synag edilişi köp müň adamly yly-tehniki hünärmenler kollektiwi gije-gündiz işleýär. Institut diňe bir ylym önümçilik bilen meşgullanmaýar. Ol kadrlar hem taýýarlaýar. Özem “halypa şägirt” ýörelgesi esasynda: her doktora 4 talyp berkidilen. Olar gije-gündiz dynuwsyz, ýasalýan samolýotyň belli bir bölegi boýunça synagyň netijelerini öwrenýärler. Şeýdip, köp müňli alymlaryň, oýlap tapyjylaryň, olaryň şägirtleriniň bir maksada gönükdirilen zähmeti netijesinde samolýotlaryň täza-täze görnüşleri oýlanyp tapylýar we durmuşa ornaşdyrylýar.

Häzirki döwre çenli ylmyň we tehnikanyň gazananlary kän. Ýöne adamzadyň bilesigelijiginiň çägi ýok. Ol bu ýetilen sepgitler bilen kanagat edenok. Kosmosy asman giňişligini baryp göresi gelýär. Ol aýy gördi. Indi Marsy beýleki planetalary görjek bolýar. görerem. Şoňam ynjalmaz. Has uzakdaky dünýäleri görmek üçin iş alyp barar.

**Taryhy ylmy-derňew işleriniň usulyýet meselesi.** Taryhy ylmy-derňew işlerinde iş esasy talap – öwrenilýän zat

hakykatynda bolan bolmaly. Bolmadyk zady öwrenip bolmaýar, öwrenäýeňde-de alan netijäň ýalan bolýar.

Ýene bir talap – usulyýet ugruň dogry bolmasy. Çünki ters ugra ýöräp barjak ýeriňe baryp bolmaýşy ýaly, taryhy wakany öwrenmek üçin alan ugryň dogry bolmasa, onda şol wakanyň ýa-da başga bir taryhy ýagdaýyň hakyky keşbini açyp bolmaýar.

Ýene-de: taryhy çeşmäni seljerip bilmeli. Haýsy çeşmäniň näderejede hakykata golaýdygyny ýa-da däldigini seljermeli. Oňa ynanyp boljakmy ýa-da bolmajakmy? Aýdaly kähalatlarda ýörite galp çeşmeler döredilýär. Mysal üçin, uruşda hüjümiň başlanmaly wagty barada. Özüde şol çeşmeler her edip hesip edip, ýetmeli ýerine ýetirilýär. Ynansaň, dat günüňe.

Ylmy-derňew işlerinde ylmy taryhy usullar. Olaryň esasy tapawutlary.

Her bir işde bolşy ýaly, taryhçynyň hem guraly bar. Ol taryhy öwrenmegiň usullarydyr. Usullary –taryhyň teoriýasyndan praktikasyna geçýän köprülere meňzedip bolar.

Taryhy genetiki usul wakanyň köküne beýleki wakalar hadysalar bilen baglanşygyna üns bermeli.

Taryhy rekonstruksiýa usuly gadymy köşkleriň (mysal, Nusaýda inedördül zalyň Pugaçenkowa tarapyndan rekonstruksiýasy) dikledilişi ýaly, wakalary hem göz öňünde dikeltjek bolmaly.

Taryhy deňeşdirme usuly wakany şoňa meňzeş wakalar bilen deňeşdirmek, ýurduň ösüşiniň haýsy-da bolsa bir ugryny başga bir ýurduň degişli ugry bilen deňeşdirmek .........

Taryhy tipologik usul, wakalary tipleşdirmek, ýagny belli shema salmak . aý gün ýyl kän. Belli bir shema salmasaň, onda olarda bolup geçen wakalary aýdyň beýan etmek mümkin däl.

Taryhyň başga-da usullary kän. Olaryň hemmesi biri birinden tapawutly. Şol bir wagtyň özünde olaryň hemmesi

biri-biri bilen baglanşykly. Olaryň sazlaşykly ulanmany başarmaly.

## Taryhy edebiýatyň usulyýet meseleleri

**Dürli döwürlerde türkmen taryhyna dürliçe beýan edilmegi.** “Материалы по истории туркмен и Туркмении” diýen kitap arap, pars dillerinden rus diline geçirilip neşir edilen, gadymy dünýä we orta asyrlara degişli gymmatly iş. Jem 80-ne golaý ýazarlaryñ işlerinden alnypdyr. Bular örän möhüm işler. Şonda-da olara köre-kör ynanmaly däl. Ol işleri alanyñda ilki bilen ýazaryñ kimdigini onuñ haýsy pozisiýadan ugur alandygyny (şowinistmi, gumanistmi we ş.m.) bilemek peýdalydyr.

XIX asyryñ ahyrlarynda (2-nji ýarymynda) ýazylan işler: A. Wamberi, N.Grodekow, A. Awarskiniñ, Mihaýlow we başgalar. Wamberi-syýahatçy, alym. Onuñ aýdanlary durmuşdan şeýle bir üzñe däl. Ỳöne mysal üçin, Gradekow, Awarskiý- rus goşunlarynyñ serkerdeli, şowinistler. Olaryñ gözi bilen seretseñ türkmenler-galtaman, “öldireniñ kesewisi gögerjekmiş”.

Sowet häkimýeti ýyllarynda türkmen taryhynyň beýan edilişi.

G.I. Karpowyñ işleri: XX asyryñ 20-nji ýyllarynyñ ahyrlary – 30-njy ýylarda ýazylan. Hemme türkmen serdarlary, hanlary hakda. Asly türkmen jemgiýeti hakda. Jemi 30-dan gowrak iş ýazypdyr. Elberde, olar oñat işler. Olary okasañ ýazaryñ türkmenleri has içgin tanamagy, özi-de wakalara obýektiw baha bermäge ymtylandygyny görmek kyn däldir. Emma şonda-da olara tankydy çemeleşmek zerurdyr. Mysal üçin, 1937-nji ýylyñ Alp Arslan aýynda Atabaýew G hakda (ol şonda tutulypdyr) ýazan myjabatlary, megerem, ol öz erkine ýazan däldir. 40-njy ýyllaryñ ahyrlarynda –50-nji ýyllaryñ başlarynda G. Nepesowyñ, Öwlýä Kuliýewiñ, Aga Garryýewiñ

işleri neşir edildi. G. Nepesow özüniñ “Pobeda sowestkogo stroýa sewernogo Turkmenistane” diýen işinde Jüneýt han, basmaçylyk hakda käbir hakykaty aýdyp bildi. Emma ol hakykaty näçe diýseñ “awantýurist”, “galtama” , “kellekeser” ýaly sözlere gaplap aýtmaga mejbur boldy. A.Garryýew “Prisoedineniýe Türkmenistana w sostaw Rossiýi” diýen işinde ülkämiziñ umuma basylyp alnandgyny çalarak aýtdy. Ỳöne obýektiw netijelerine görä şol abasylyp alnyp uly döwlete birkdirilmegi türkmeniñ taryhy ykbaly üçin peýdaly boldy diýip tekrarlady.

60-70-nji ýyllarda Ş. Täçliýewiñ, A.A Roslýakowyñ, K. Muhammetberdiýewiñ, M. Annanepesowyñ işleri neşir edildi. Roslýakowyñ “Bolşewiki Türkmenistana w borbe za wlast sowetow” diýen işinde 1917-18-nji ýyllara degişli gymmatly maglumatlar bar. Ỳöne ol wakalara formasiýalaýyn ösüş synpy göreş teoriýasyndan ugur alyp çemeleşýär. Türkmenistan ücin kapitalizmiñ duşundan geçip sosializme geçäge ýol açyldy diýýär. Bu zatlaryñ şeýle bir takyk däldigini bilmek kyn däldir. K. Muhammetberdiýewiñ “Horezm rewolýusiýasy” hakyndaky işinde Juneýit hana, basmaçylara gönükdirilip aýdylan käbir ýakymsyz pikirler bar. Ş. Täçliýewiñ “Türkmenistanda grazdanlyk urşy we iñlis interwensiýasy” diýen işi düýpli işdir. Onuñ has artykmaç tarapy diñe türkmenlere berlen kömek däl-de eýsem türkmen ýigitleriniñ raýatlk urşuna faktlarynda beýleki halklary beren kömegi görkezilýar. Işiñ başgada oñat taraplary bar ýöne ýazar synpy göreşiñ gutargysyz baradaky nazarýetden ugur alýar. Şol urşy bolaýmaly zat hökmünde görkezýär. Islese-işlemese gyzyllary dost beýlekileri duşman diýip ýazmaga mejbur bolýär. Emma synpy göreş diýen betbagytlygyñ nirden gelenligine,asla şol gan döküşikligiñ öñüni alyup bolmajakmydy-ol meselelri ünsüz galdyrýär. M. Annanepesowyñ XVII-XIX asyrlarda türkmenleriñ hojalygy diýen işi düýli iş. Oña ynanyp bolar. Ỳöne häzir meselelrde

(mysal ücin ruslar bilen baglanyşykly ýerlerde) ýitiräk seretmek artykmaçlyk etmese gerek.

S. Kakabaýew, J. Abdullaýew Atabaý Saparow K Annagulyýew we başgalar bu işlerde hem materiallar gewrekli ulanmaly. Ỳöne awtorlaryñ wakalara şol agzalan ýörelge esasynda çemeleşendiklerini aýtmalydyr. Olary okasañ kolhoz gurluşy halkyñ bagtyna tapylan bir zat, baý kulak kompaniýasy – bolaýmaly zat, türkmenler bagtly ýagty durmuşy diñe Oktýabyrda soñ görüpdir we indem şoña baky minnetdar. Emma hakykatda juda bir beýle däldigini aýtmasañda düşnüklidir.

E. Markow A.Jykyýew, A.Orazow, Winnikow we başgalar etnografiki işler olara kem-käsleýin tankydy göz bilen garap ynansa bolar.Olaryñ işlerinde türkmen jemgiýeti, türkmen durmuşy, türkmen häsiýeti mümkin boldugyça dogruyk berilipdir Ol işler türkmen durmuşynyñ soñky ýeten ýagdaýy bilen deñeşdirmek ücin gymmatly çeşmelerdir.

Gysgajyk umumy işler barada: Türkmenistan SSR-ñ taryhy .2 Tomluk (1957-nji ýylda Rus dilinde ; 1960-njy ýylda türkmen dilinde) Sowet Türkmenistanynyñ taryhy. 2 kitap (1970,-1972.) Istoriýa raboçego klassa Sowetskogi Turkmenistana (1967). Istoriýa kulury sowestkogo Türkmenistana (1975) Istoriýa selskogo hozaistwa i daýhanstwa Sowestkogo Turkmenistana (1979, 1980).

Olarda ummasyz material bar. Ỳöne olar şol belli “Ỳakasy gaýyşly” ýorelgeden ugur alnyp ýazylan bolan soñ wakalar şeýle bir ynandyryjy däldir, durmuş örän ýüzleý görkezilipdir. Şonuñ üçin hem olar okyjylar köpçüliginiñ añyna ýetmän galdy.

**Garşsyzlyk döwrimizde taryha bolan dogruçyl garaýyşlar.** Türkmenistanyň taryhyndan edilen iş azam däl ýaly. Her kitabyň aňyrsynda ýazaryň ömri, ykbaly dur. Olar öz döwrüniň ogullary. Ynanyp, kä halatlarda gorkup, syýasy konýunktura kywapdaş bolup ýazdylar. Emma bu günki gün

seretseň ol ýazylan zatlara täzeçe çemeleşmeli metodoloki ugry üýtgetmeli.Köp awtorlar oňa ýetişmän gitdi. Dirileri üçin- bu uly tragediýä. Olaryň ömrüni bagyş edip ýazan zatlary bu gün idegziz galyp barýar. Özüm ücin-ä ol awtorlar halypa şu bilýänje zatlaryny men şolardan öwrendim, häzirem öwrenýärin beren sapaklary ücin men olara çäksiz minnetdar.

Emma “dost-dost mamla rast” halypalary näçe sylasagam, hakykatyň hatyrasyna, bolmaýan zady bolanok diýip aýtmaga wagt ýetdi. ( tankytçy Abdylla Myradowy MK çagyryp, “sen şu R. Alyýewi, öz mugallymyny azyrak tankytlaýsaň bolanokmy” diýlende, onuň “eger men şu ilkinji etažyň äpişgesinde aşak zyňsagyzam ýere düşýänçäm R. Alyň “Jorama hat” diýen powestinin dili bolanok diýip bir gezegä aýdyp ýetişdim diýenini ýatlamak gerek).

Türkmen taryhynyň sowet döwri baradaky işlerde ünsden düşen meseleler: gysgaldylyp aýdylandy millilik. Giňiräk aýtsak şol işlerde halkyň keşbi, häsiýeti Mukaddes Ruhnama, medeniýeti görnenok. Bulardan başga-da

- Türkmenistanda rewolýusiýa meselesi.
- Graždanlyk urşunyň ýüze çykmagynyň sebäpleri, kökleri.jemgiýetde synpy gapmagarşylygyň döremegi-düýbünden işlenmedik zat
- Basmaçylar –hemmesi duşmanmy? Olar keýpine basmaçy boldymy?
- Baý kulak diýlip ýok edilenleriň hemmesi kulakmy?
- Repressiýalar – düýbünden işlenmedik zat.
- 1932-33-nji ýyllaryň aşlygy. Näme üçin? Belki daýhanlaryň ýerleriniň elinden alynyp, kolhoz gurlup ozalky hojalyk ukladynyň, endiginiň ýüzleý gurlup, täze düzgüniň hem ýola düşüp bilmänligindendir?
- 1916-njy ýyldan başlap 1941-nji ýyla çenli türkmenlerden näçe ýüz müňüsi beýleki döwletlere gaçyp gitdikä?
- Uruş ýyllarynda dezertirçilik? Türkmen esgerlerinden aňryk ýesir düşenleriň ykbaly barasyndaky mesele. T. Abdullaýewiň

“kaýda mekan tutduň, gardaşym?” filmini yatlamaly. Häzir Nýu Ýorkda ýaşaýan doganlar Gurt we Amanguly Berdimyradowlaryň ykbaly. Gurduň urşa gitmänkä bary ýogy iki hepde ýaşaşan gelni, häzir 70-e ser uran . häzirem onuň ojagyny saklap oturan Yazjemalyň ykbaly.

- 1941-45-nji ýyllarda frontlarda näçeräk türkmeniň ölüp näçesiniň maýyp bolany, urşuň salan agyr ahlak ýarasy gozgalmadyk mowzuk.
- Uruş ýyllarynda türkmen aýal gyzlaryndan ýygnalan 7392 kilogramm altyn kümuşiň anyk ykbaly we ş.m.
- 1946-njy ýylyň açlygy.
- 1948-nji ýylyň Aşgabat ýer titremesinde halkyň çekem moral ahlak zyýany we soňky netijeleri
- 50-nji ýyllaryň repressiýasy.
- 50-60-njy ýyllaryň oba hojalygyndaky opuryşyklar.
- Senagatyň bir taraplaýyn “ösüşi”, respublikanyň Merkeziň çig-mal ýapjasyna öwrülmegi
- 70-80-nji ýyllaryň moral repressiýasy
- Türkmenistanda işsizlik
- Milli medeniýetiň däp-dessurlaryň äsgerilmezligi.
- Türkmenistanda “garran gyzlaryň” köpelmegi, sallah ýigitleriň artmagy. Ilatyň ösüşindäki tebigy jübüt-jübütlik kanunynyň bozulmagy. Milletiň düzüminiň gowzap gan damaryna zuýan etmegi, we başga-da ençeme derwaýys meseleler

Şol ady agzalan işlerden şu meseleleriň hiçisi hakynda zat tapmarsyňyz. Elbetde ýazarlaryň içinde päsgelçilik bolmasa olar hakynda aýtjagy tapylardy. Diýmek päsgelçilik-germewiler bolupdyrlar. Olar bu zatlar hakda “dil ýaryp” bilmedi. Şol dyilmedik zatlary diýmek, wakalary, şahsyýetleri aýyl saýyl etmek indiki esasy wezipedir.

## Taryhy çeşmeleriň usulyýet meseleleri.

**Arhiw resminamalarynda usulyýet meselesi.** Çeşmeşynaslyk – taryhy çeşmeleri öwrenýän ylym. Taryhy çeşmeler dürli-dürlidir. Arhiw dokumentleri. Türkmenistanyň milli arhiw fondunyň döredilmegi. Döwlet howupsyzlyk komitetiniň, Içeri işler ministirliginiň, Döwlet geodeziýa we kartografiýa komitetiniň dokumentleriniň, partiýa arhiwiniň dokumentleriniň – hemmesiniň degişlilikde Türkmenistan Döwlet Merkezi arhiwiniň we Türkmenistan döwlet kinifotofonadaky dokumentleri arhiwine berilmegi. Dokumentleriň bir ýere jemlenmegi-örän gowy zat.

Moskwanyň, Daşkendiň dürli arhiwlerinde, edaralarynda saklanan Türkmenistana degişli dokumentler bärik getiriljek. Prespektiwada beýleki daşary ýurtlarda bar bolan Türkmenistanyň, onuň taryhyna degişli materiallaryň bärik getirilmegi hakda gürrüň gozgalýar. Şunlukda, dokumetn gözleginde şol ýerlere selpäp ýörmän gerekli materiallary şu ýerden tapmak mümkinçiligi boljak. Elbetde, bu uly iş oňa wagt gerek bolar.

Emma eýýäm bärde bar bolan ozaldan saklanyp ýören dokumetleri az däl. Türkmenistanyň Döwlet Merkezi arhiwinde we partiýa arhiwinde aýdylyşyna görä, bir ýarym biliona golay dokument bar. Elbetde, ol dokumentleriň müňlerçesi okyja berilmeýärdi. Mysal üçin döwlet arhiwinde 33 müň dokument partiýa arhiwinde bolsa personaliýa (aýratyn adamlara:partiýa döwlet, jemgiýetçilik işgärleriniň özleri hakdaky) degişli dokumentler ýapykdy.

Emma şolary hasap etmänimde-de, galanlarda az däl. Ýöne olar nähili dokumentler, olary kim ýazypdyr. Şol dokumentlerde aýdylan zatlara ynanyp boljakmy? Ana, arhiw çeşmeleri hakdaky usulyýetiň dürli meselesem şonda.

Partiýa komitetleriniň dokumentleri-ýolbaşçy ugrukdyryjy häsiýetli, özlerem galyba salynan. Partiýa

komitetleriň (MK-nyň obkomlaryň we ş.m.) golundan geçen ýa-da şolaryň ynanýa adamlarynyň materiallary. Ikinji sekretarlar-Ruslar olar özlerine bähbitli “dostluk-doganlygy” wasp edýän dokumentleri materiallary ýol açyp, milligi ündeýän dokumentleri”zyýanly” hasap etdiler. Şu usulyýet çemeleşme partiýanyň ýolbaşçylyk edýän ähli sferasyna aralaşy. Diýmek, durmuşyň ähli ugurlarynda partiýa dokumentlerinden milliligi gözlemek biderek wagt sarp etmekdir.

Sowet, Prowsoýuz, komsomol guramalarynyň dokumentleriň. Durmuşa golaýlygy boýunça el-hal ýagşy. Ýöne olaram partiýadan bidin gumuldap bilmäni üçin, dokumentlerde “partiýa eleginden” geçirilendigi üçin tankydy göz bilen garalmagyna mätäç. Kagyz ýüzünde hemme zat gülalagünlükdir. “elekden geçen” dokumentden özüne belli durmuş bolsa wesweýrançylykdyr. Ony özüň bilmelisiň.

Partiýa arhiwindäki dokumentleriň içinde ynandyryjyraklaryda bardy. Rayonlara, obalara iberilen alymlar toparyna geçiren barlaglary esasynda ýazylan dokladnoýlar, sprawkalarkä halatlarda (ýazan kim, şoňa bagly) takyk maglumatlar berip biler. Mysal üçin 1978-nji ýýlda sakarçägäiberilen brigada. Onuň sostawynda meniň hanhowuz şol ýerdäki oglanlaryň, gyzlaryň horlugy hakda ýazan sprawkam we ş.m.

Döwlet arhiwindäki dokumentler. Olaram partiýa tarapdan “göz aýlanan” dokumentler ýöne iri weziräk elekden geçirilen dokumentler.

Tankydy göz bilen garamak gerek. Musal üçin, medeniýet ministirliginiň materiallaryna seretseň Türkmenistanda milli formaly sosialistik mazmunly medeniýet şeýle bir ösüpdir welin hiç bir aýdar ýaly däl, iş ýýzýnde bolsa ösmek küje , zat küje.

Arhiw materiallaryndan biri birine çapraz gelýän maglumatlar köp. Esasasanam san görkezijilari barada şeýle.

Şu ýerde olary deňeşdirmek gerek. (haýsy edaradan çykan dokumentlerde bar bolsa) zerurdyr. Ahyrynda ugur tapylmasa partiýanyň gurlutaýlarynyň pleniumlarynyň, hiç bolmasa Sowetleriň sesiýalarynyň materiallaryndan gözläp, eger bar bolsa şony ulanmak mümkindir.

Dokumentler ýygyndylary: “Присоединение Туркмении к России”; “Подгатовки и провидения Октябрской Революции в Туркмении”; “Коллективизация сельского хозяйства Туркменской ССР и ряд других” drugih. Olarda aýdylýan zatlara ynanyp boljakmy? Maglumatlaryň bir taraplaýyndygyny unutmaly däl. Diňe resmi syyasata gabat gelýän tarapy alnypdyr, beýleki taraplary bilen bolsa ünsden düşürilipdir  Bu ýagdaý hasam “Идеологическая работа Туркменистана в современных условиях” diýen ýygynda häsiýetlidir: Onda diňe elçarpylýan maglumatlar berilipdir.

Statistik ýygyndylar. Olaryň arasynda ilat ýazywlatrynyň jemleri örän peýdaly neşirlerdir. Aýratynam 1926-njy ýylyň ilat ýazuwynyň jemleri has dolurak maglumatlary (halkyň ýagdaýy, durmuşy barada) özünde jemleýär. 1939-njy ýylyň ýazywyň maglumatlary doly çykmady. 1959-njy ýylyňky dolurak. Soňky 1970-1979-1989-njy ýyllaryň ýazuwynyň jemleri bolsa has ‘Horlanyp çykdy’. !989-njy ýylyňka asla çykmadam. Başgada Türkmenistanyň  40, 50, 60, 70 ýyllygyna bagyşlanyp çykarylan statistik ýygyndylar , respublikanyň halk hojalygynyň ösüşiniň her ýylyna degişli çykyp duran ýygyndylar bar. Olara ynanyp bolarmy. Olarda artdyryp ýazmalatryň täsiriniň bardygyny ýatlamalydyr. Diýmek, hemme maglumatlar anyk däl. Mysal üçin 1981-84-nji ýyllarda çykarylan ýygyndylara ynanyp bolmaz. Sebäbi soňra bu ýyllarda diňe pagtanyň 406-mün tonnasynyň artdyrylyp ýazylandygyny ýüze çykaryldy.

Bir zady aýratyn bellemelidir: Statistik ýygyndylar Türkmenistanyň ösüşiniň aýrytyn hem medeniýete, sungata göz başyny Oktýabrdan alypdyr. Bu nädogrydyr, Durmuş

hakykatynyň gödek ýoýulmasydyr. Bu prinsipial usulyýet meselesi galyberse-de ýygyndylarda ýiti syýasy problemalarda degişli maglumatlar ýokdur: Aýdaly, respublikada ýaşaýan milletleriň deňeşdirilip alnanda jaý bilen üpjünçiligi oba ýerlerinde mellegi bolanlar, bolmadyklar umumy işsizligiň ýagdaýy onuň dinamikasy milli işçi kadrlarynyň taýýarlaýyş ýagdaýy ilatyň ortaça ýaşy (erkekleriň, aýallaryň) ondaky negatiw ýa-da pozitiw tendensiýalar we başgada köp sanly örän ýiti meseleler ýygyndylara girizilmän “aýawly” saklanypdyr.

Gazet žurnal materizllary; olaryň dili ýeňil ana şol öwrenilmeli zat biziň taryhy işlerimizde köplenç ýetmeýän zat ýöne gazet žurnallar resmi sýyasatyň “dem alyşyny” häsiýetlendirýän materiallary berýärdi. Bu ugurda 1985-nji ýyldaky gazet žurnal materiallary düýpli tapawutlydr. Aýratyn hem 1986-89-njy ýylarda örän ýiti materiallary çap edilýär. Şolary öwrener zat kän. “Edebiýat we sunagyry” mysal almaly.

Ýatlamalar. Olarda-da gymmatly maglumatlar bar. Ýöne ýatlamalar adamlaryň ýaşynyň gaýdyşan döwlründe, ýatkeşliginiň kütelişen döwründe ýazylýandygyny unutmaly däldir. Şonuň üçin hem ýatlamalary taryhy faktlar bilen deňeşdirip çözmek, soň ulanmak gerekdir. Mysal üçin Petrasýänyň "Ustanowlenie sowetskoý wlasti w türkmenii” diýen işi ýatlamalarda, onda-da diňe ermenileriň ýatlamalaryň esaslanyp iş diýmek ol iş hilidir. Türkmenistanda sowet häkimiýetini gurmaga ruslaryň, birdir-ürkmenleriň hem gatnaşandygyny inkär edip bilmaz.

Şahsy gözegçilik örän peýady çeşme. Öz gözüň bilen gören zatlaryň, janly durmuşdan alan maglumatlaryň beyleki çeşmelerden alan maglumatlaryň üstüni doldurmakda örän peýdalydyr. Emma şoňa-da tankydy göz bilen garamak artykmaçlyk etmez.

**Taryhy çeşmelere çemeleşmegiň umumy meseleleri .** Ýazjak bolýan döwrüň ýa-da wakanyň taryhy çeşmeleri bilen taryhçynyň arasynda kontakt döremeli. Has takygy taryhçy öz

gahrymanlarynyň – şol döwrüniň adamlarynyň- dünýäsine aralaşmasy. Bu ýeňil iş däl. Onuň üçin pikiriň-zikiriň şol bolmaly.

Taryhy çeşmeler bilen “gepleşmegi”, olarda öz soraglaryňa jogap almagy başarmaly. Has takygy taryhçy çeşmeleriň ýanynda öz soraglaryň bilen barmaly. Taryhçy soramasa, taryhy çeşme oňa “akylly başly” jogap bermez .

Beýan edýän wakalaryň “tanşan” adamlaryň dünýäsine aralaşanyňdan soň olaryň logikasyna pähim paýhasyna diň salmaly, özüňi olaryň diňe gowy görmeli. “ody özüne bas, ötmese kesekä”. Şonda olar taryhça ýadyna-oýuna düşmeýän zatlarda aýdyp biler; hat-da oňa akyl berip, böwrüni diňledip başlan işine “söwdüribem” biler. Mysal üçin 1916-njy ýylyň wakalary. Şol päleýe ters gelen adamlaryň durmuşyna aralaşsaň asla öňki ýazylýan zatlary ýazaýmarsyň. Ýene-de mysal G. Gylyçmämedowyň “Aşgabat ýer titremesi” hakynda ýazan oýlanyşyny ýatlamaly.

Diýmek taryhçy diňe öten geçenlerden soraman “Synag” alman has-takygy olar bilen “maslahatlaşyp” olardan akyl paýhasam öwrenýär ekeni. Başgaça aýdylanda taryhçy geçmiş hakda şol döwrüň adamlary hakda ýazjak bolsa ony öň bilen geçmişi öli adamlar hökmünde däl-de janly durmuş diri adamlar hökmünde göz öňüne getirjek bolmaly. Şolaryň agysyna aglap, şatlyugyna şatlanjak bolmaly. Şolaryň akyl paýhasynyň talantyny sungatyny ýörelge edinip öz bilenjäňem üstüne goşmaly. Şonda iş il halar bolmagy mümkin.

Sowet döwründe ýzylan taryhy edebiýatda işiniň usulyýyet esasyny marksizm-leninizm klassikleriniň eserleri düzýär diýlip görkezilendir. Marksyň, Engelsiň, leniniň eserleri (tema degişlileri) birin-birin beýan edinip, işiň ýzynda berlen goşmaçalarda ilkinji nobatda ýazylandyr. Özem bularda alynan sitatalarda söz hak-da ha gürrüňem ýok. Asla bir nokat ýa-da otur nädogry gidäýse-de işiň çatak boljakdygyny unutmaly däldi.

Marksizm-leninizm klassikleriniň eserlerinden soň işiň usulyýet esasyny partiýa ýolbaşçylarynyň “eserleri”, partiýa guramalarynyň, gurlutaýlarynyň, plenumlarynyň, ýygnaklarynyň resminamalary tutulmalydyr. Şol galypdan çyksaň iş kabul edilmez, günäkär bolarsyň.

Indiki talap: işiň usulyyt esasyny taryh ylmynyň gumanitar bilimleriň mümkin boldugyça adamçat paýhasynyň häzirki ýeten derejesi tutmaýandyr.

Ozal Türkmenistanyň taryhy diňe rus halkynyň, galybersede käbir SSSR halklarynyn taryhy bilen sazlaşdyryljak bolnupdy. Ol emeli zat bolany üçin dereksiz bolup çykdy. Mundan beýläk şeýle çemeleşmegiň ýagny taryhy zorlamagyň halys gelşiksizdigi düsnüklidir.

Taryhymyza göz aýlasak türkmenleriň ata-baba baryş-gelişli goňşularyň, has uzagraklara düşen emma ata-watanynyň umydyny üzmedik kowumdaşlarymyz bar. Indi taryhymyzy şilar bilen baglylykda öwrenmeli. Taryhymyzy töwerekleýin öwrenmeli. Bu örän uly iş, ýöne örän gerekli iş.

## Taryh we çeper edebiýat: usulyýet meseleleri (2 sagat).

**Nusgawy şahyrlaryň döredijiliginde türkmeniň taryhy barada.** Giňiräk seredilende filosofiýa taryhyň metodologiýasydyr. Şeýle bolsa türkmen taryhynyň metodologiýasyny nireden gözlemeli? Türkmen klassyk edebiýatyndan. Sebäbi şonda türkmen hakykaty, türkmeniň filosofiýasy – akyl paýhasy bar.

Magtymguly, Kemine, Zelili, Seýdi, Mollanepes, Mätäji, Andalyp, Azady we başgalar. Aňňyrrak geçsek Gündogar poeziýasynyň ägirtleri bar. Häzir gysgaça XVIII-XIX asyr klassiklary barada aýdyp, esasy gürrüňi soňraky şahyr-ýazyjylara syrykdyrjak bolýaryn. Körmolla, Baýram şahyr, Mollamurt we başgalar öz döwürleriniň ogullary.Olar

rewolýusiýa ynanypdyrlar. Ýagty geljek ideýalary bilen ruhlanypdyrlar. Olar türkmen halkynyň ep-esli böleginiň arzuw hyýallarynyn jarçysy hökmünde çykyş edipdirler.

**Sowet häkimýeti ýyllarynda edebi eserlerde taryhyň beýany.** Sosialistik realizm. Dar galyp, synpy göreş galypy. Onda-da SSR-iň ähli halklaryny bir shema gabamak, birmeňzeş birgyradeň ösdürmäge ymtylmak has takygy rus däp-dessurlaryna, klassik edebiýatyna esaslanyp şony nusga edinip döredilän sowet edebiýatyny, medeniýetini her edip hesip edip ornaşdyrjak bolmak kada öwrüldi.

1938-nji ýylda "Partiýa taryhynyň" "Gysgaça kursy" çykdy. Ol makrsistik leninçilik ylmynyň soňky gazanan beýik sepgitleri hökmünde jar edildi. Milli däp-dessurlar harlanyldy. Asla millilik diýilýän zat "milletçilik" diýlip düşünildi.

1951-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrlarynda TK(b)P MK-nyň ilki iki günläp bolan plenumunda ideologiýa işi ara alynyp maslahatlaşyldy. TK(b)P MK-nyň birinji sekretary S.Babaýew doklat etdi. Ol "Gorkut ata" eposyny ýazgardy. Ony çapa taýýarlap neşir eden belli alymlary – M.Kösäýewi, B.Garryýewi, O.Abdulowy we başgalary buržuaz milletçilikde aýyplady.Taryhçy G.Nepesowy ýepbekledi. B.Kerbabaýewi, G.Gurbansähedowy, J.Ilmyradowy, Ataköpegi "igeledi".Ol "Sosialistik realizmden" çykmaly däldigini berk düşündirdi. Şondan soň şeýleräk shema ornaşdy. Ozalky türkmen jemgyýeti hakynda ýazjakmy, ýaz , ýöne ol garaňky, hor-homsy ýaşalan jemgyýet bolmaly. Adamlaryň hiç gören güni ýok. Olüşik, zorluk, sütem we ş.m. Türkmen halky zalym gan-ojak, işan mola parahor, heleýbaz, basmaçy, galtaman, dindar, neşekeş bolaýmalydy. Onsaňam azatlyk erkinlik ugrunda baş götermäge türkmeniň öz akly çatmaly däldi. Ol Iwan gelänça garaşmalydy. Çeper edebiýat, romanlar, powestler, hekaýalar we ş.m. –bolsun, taryhy işler bolsun şu ülňüden çykmazlyk barada "düşünşdiler"

Bu ülgüniň nä derejede ýol açandygyny soňky onýyllyklar görkezdi. Elbet-de, oňat eserler hem boldy. G.Ezizowdan, B.Hudaýnazarowdan, K.Gurbannepesowdan mysal gerek. Ýöne olar hem dil gelen sözlerini mydam aýdyp bilmediler. Şunlukda, hiç bolmanda kagyz ýüzünde durmuş shema salyndy: Mezeş meňzeş romanlar taryhy işler peýda boldy. Birmeňzeş "Pikirlenmek" ornaşdy.

Gegel: Eger hemme kişi bir meňzeş pikirlenýän bolsa, diýmek, onda hiç kim pikirlenýän däldir.

## Taryhçynyň döredijilik laboratoriýasy.

**Ylmy barlag işleriniň esaslaryny öwrenmek.** Taryhçy işi ýazyp beyan edýär. Ýazyp beyan etmek. Onuň hökmany şerti elbet-de tehniki serişdeleriň bar ýerinde ol aýtjak diýjek zatlaryny magnitofona ýa-da maşynka diktawat edipde biler. Ýöne durmuşda ol örän seýrek duş gelýär. Köplenç taryhçylar öz işlerini öz eleri bilen kagyza geçirýärler. Dogrusy, taryhçy öz pikirlerini özara gürrüňçilikde leksiýalarda we ş.m. aýdyp biler. Ýöne her niçikde bolsa doly bahaly taryh bolmaýar. Doly bahaly bolmak üçin taryh kagyza geçmelidir.Ony şol günem ertesem ýa-da başga bir wagtam okap görmek mümkin bolmalydyr. Taryhçynyň işiniň birnäçe böleklere bolüp bolar.

Temany saýlap almak örän jogapkärli iş. Saýlap alan temaň ozal işlenilmedik bolmaly. Sebäbi şol temadan ozal biri işläp ýören bolsa, senem ony bilmän işläp başlasaň, onda haýsyň önürti gutarsaň beýlekiň artykmaç bolup galýaň. Meselem "Türkmen sowet gatnaşyklary (1918-1921 ý)" diýen tema boýunça biri ylmy iş taýýarlady. Ol işini doly gutarmanka. Başga biri doktorlyk işiniň bir babynda şol aýdylan temany aýyl-saýyl edipdir. Şonuň üçin soňkyň azaby rygan bolupdyr.

Diýmek temany saýlamak üçin spesalistler bilen duşuşmaly olaryň pikirini diňlemeli. Türkmenistan Ylymlar

Akademiýasynyň kordinasiýa bölüminiň kartatekalaryny gözden geçirmeli şondan soň, saýlap alan temaňy degişli ylymlar sowetinde tasyklatmaly. Mowzugy tassyklatmak üçin işiň mysaly planynyň, onuň ylmy esaslandyrmasynyň gerekdigini aýtmaly.

Mowzuga degişli taryhy edebiýaty öwrenmeli. Taryhy çeşmeleri, aýratyn hem arhiw materiýallarynyň öwrenmeli. Ylmy derňwiň abýektini kesgitlemeli. Metadologik esaslaryny kesgitlemeli. Işiň giňeldelen planyny düzmeli.

Işiň şu etapynyň jogapkärçiligi öňkiden hem köp bolmasa az däldir. Mowzugyň giňeldilen plany işiň gözegine tutulýan möçberiniň 4/1 (25%) barabar bolup biler. Şonda derňelýän problemanyň esasy sudury, käbir jikme – jik materiýallar, hatda netijelerem, tekliplerem aýdylyp bilmer.

Bu işiň esasy bölegidir. Munda işiň giňeldelen plany-taslamasy-has giňelip, problemanyň ýazmaça beýany emele gelýär. Işiň ilkinji wareýanty peýda bolýar. Iş birnäçe wareýantdan ybarat bolup biler. Ol aftoryň taýýarlygyna ussatlygyna bagly. Mysal üçin: “K sosializmu, minuýe kopitalizma” diýelen kitabyň 3 wariýanty bardy. Ol 3 wariýantyň 3 – sem aftorlaryňky dälde redaktor-laňkydy (A.A.Raslekow, W.I.Kuzmin, M.R.Andreson) aftorlardan diňe käbir materiýallary alyp, olar bilen kitaby tutuşlygyna täzeden özleri ýazypdyrlar. Emma näçe azap edilenen bolsa, Orta Aziýa respublikalarynyň sosializma geçişi her näçe “Ynandyrjy” görkezilenem bolsa, bu günki gün ol kitabyň gymmaty gaçdy.

**Zerur bolan maglumatlary toplamak we işi ýazyp beýan etmek.** Mowzugyň netijelerini jemlemeli. Teklipleri kesgitlemeli. Şunda esasy üns berilmeli zat: Ylmy jemlemeler, netijeler işiň öz süňňünde gelip çykan bolmaly. Işde bir zat hakda gürrüň edip, jemlemäni bolsa başga bir zat hakda aýtsam, onda ol sepleşmeýär. Problemanyň çözgüdiniň oňydygyna şüwhä döredýär. Teklipler hakda-da şuny aýtsa bolar.

Adatça, işe giriş başda ýazylýar we oňa köplenç halatlarda iş ýazylyp, gutarylan soň, giriş täzeden düýpli işlenilýär. Ol düşnüklidir. Sebäbi, işiň dowamynda ulanyljak edebiýatlar, çeşmeler jikme – jikleri bilen ýada ýüze çykjak meseleler, aýdyljak ylmy jemlemeler, teklipler dolulygy bilen başda göz öňüne geläýenok. Şonuň üçinem giriş diýiljek diýilip, aýdyljak aýdylanda soň ýazylýar. Girişiň möçberi, köplenç, işiň altydan bir bölegine barabar bolýar.

Girişde temanyň aktuallygy esaslandyrylýar. Işiň obýekti, hronologiýa çäkleri kesgitlenilýär. Onuň ylmy täzelik derejesini, başgaça aýdylanda, işiň ylma näme berýändigini bir agzanyňda aýdyp bolar. Ýöne  kyn tarapy: şol abzasda aýdylýan zatlar tutuş işiň süňňi bilen tassyklanylmaly. Bu aňsat däl. Şonuň üçinem köp-köp işlerde ylmy täzelik dereje açylyp bilinmän galýar. Has takygy işiň hakyky gymmaty ýüze çykarlyp bilinmeýär.

Temanyň işlenilenlik derejesi (stepen razrabotnosti). Başgaça : özüňden  öňki awtorlaryň işine syn baha bermek. (istoriografiýa). Olaryň gowy tarapy, kemçiligi hak-da taryhy syn. Ol köplenç problemalaýyn häsiýetli bolýar. Şonda derňeljek bolunýan temanyň gerekdigi ýa-da gerekdälligi has aýdyň ýüze çykýar. Ýöne her niçikde bolsa işde ozalky awtorlaryň sylanmak äheňi saklanmalydyr. Sebäbi gowy erbet tapawudy ýok. Şol işler täze ýazylýan işiň düşegi bolup hyzmat edýändir.

Işiň praktiki ähmiýeti. Onuň materiallaryna, ylmy jemlemelerine netijelerine nirede ulanyp boljak? Teklipleri haýsy ýerlerde durmuşa ornaşdyrylsa  peýdaly boljak? Girişde şu zatlar hak-da anyk aýdylmalydyr.

Girişde temanyň taryhy çeşmelerinede syn berilmelidir. Arhiw materiallary haýsy fondlaryň ulanylandygy olaryň gowy tarapy, kemçiligi görkezilmelidir. Olarda näderejede ynanyp boljakdygy aýdylmalydyr. Döwürleýin metbugatyň materiallaryna statistik ýygyndylara degişli baha berilmelidir.

Girişde işiň metodologik esasy kesgitlenilmelidir. Ozal iş metodologiýa boýunça marksistik leninçilik taglymata, has takygy, marksizm, leninizm klassikleriniň eserlerine esaslanylýar diýilýärdi. Onuň öran çäklidigine pikir paýhasy dar galypa salýandygyny durmuş görkezdi.Indi şu gumanitar bilimleriň, has takygy, taryh ylymlarynyň gazananlaryna esaslanyp ýazylsa has oňat bolar. Elbet-de adamzat jemgyýetiniň gazananlaryna esaslanyp ýazylsa ondanam oňat boljakdygy düşnüklidir. Emma ol her kime başardyp duranok.

Girişde meseleleri derňemekde haýsy metodlaryň has köp ulanylandygy, işiň problema – hronologiýa ýa-da hronologiýa problema metody esasynda ýazylandygy anyk aýdylsa maksada has laýyk bolar.

Taryhy iş iki bapdan az bolmaýar. Ol köplenç 3-4 bapdan ybarat bolup biler. Şolarda derňelýän meseläniň başky ýagdaýy soňra nähili özgerişleriň bolandygy we soňky derejesi görkezilýär. Her babyň, mümkin boldygyça her paragrofyň yzynda netijesi berilse gowy bolýar. Derňelýän problema boýunça has umumy jemlemeler işiň netijesinde berilär. Derňewden gelip çykýan tekliplerem şol ýerde görkezilýär. Derňewden gelip çykýan käbir jemlemeleriň teklipleriň degişli baplarda tekstde goýulýan halatlary hem bolýar.

Taryh boýunça ýazylýan işlerde duş gelýän kemçilikler.

Işiň obýekti aýyl-saýyl edilmeýär. Deňewiň obýekti anyk bolmasa aýdylýan zatlaram anyk bolanok.

Ulanylýan taryhy çeşmeler örän çäkli. Metbugat az ulanylýar. Türkmen dilindäki metbugat bolsa ulanylmaýar diyen ýaly. Bu ýalňyşlykdyr. Metbugatyň dili, materialyň işiň "şireliligine" çykmagyna ýardam edýär.

Statistika hem baha garalýar. Ulanylsada taýýar sifrlar tablisalar ulanylýar. Statistik maglumatlardan özbaşdak hasap çykaryp tablisalar düzüp başarsaň işiň hiliniň has oňat boljakdygy äşgärdir.

Derňewde şol mesele boýunça beýleki ylymlarda ýagdaýyň nähilidigi hasaba alynmaýar. Meselem oba ilatynyň durmuşy beýan edilende şu ugurda etnogrflaryň sosiologlaryň ykdysadyýetçileriň we ş.m. işleri ulanylmaýar. Şonuň üçinem iş bir taraplaýyn, gyzyksyz, ýasama bolup çykýar.

Köp işlerde awtoryň ýüzi, pozisiýasy görnenok. Sitatalar, beýleki awtor-laryň pikirleri berilýär. Ýöne işiň awtorynyň öz pozisiýasy welin görünmän galýar.

Teroriýa taýdan gowşaklyk köp işlere mahsusdyr. Hasam beteri, işler filosofiýa taýdan gowşak gelýär. Elbetde pikir örüsiniň daralyp halk häsiýetinde ugur almazlygy işiň "Tukat" traktata öwrülmegini üpjün edýär. Köp işlerde taryhy deňeşdirmek metody gowşak ulanylýar. Deňeşdirläýende-de ýagdaý geşmişdäki öz derejämiz bilen deňeşdirilýär. Beýkleki döwletler bilen deňeşdirmek hiç kimiň ýadynada düşenok. Şonuň üçinem ýagdaýyň hakyky derejesi bilinmän galýar.

Tankydy analiz gowşak. işde tipiki faktlar däl-de ownuk tötänleýin duşan faklar alynýan halatlary bolýar. Materiala faktlara tankydy göz bilen çemeleşmeseň boljagy şu . Ol işiň gymmatyny gaçyrýar.

Işiň diliniň agyrlygy okar ýal däl. Şol ýagyr edilen sözler, jümleler, galyp ülňüler. Işiň okyjyny tapmak üçin onuň ýeňil dili bolmaly. Käbir işlerde buýruk beriji äheň duýulýar. Ylmy iş buýruk bermeýär. Ol maslahat bermeli, ol ýa-da beýleki meseläniň çözgüdi tapmagyň ygtybarly ýollaryny salgy bermeli.

Ylmy işiň sahypalary sanlardan doldurylmaly däldir. Sanlar diňe aýdylan pikiri tassyklasa bolýar. Olar mümkin boldugyça az ulanylmalydyr. Işde adam atlary, familiýalar görkezilende örän esewan etmelidir,

1. Çem gelen adamyň ady teksde girmeli däl.
2. Teksti atdan dolduraýmaly däl. Tekste mynasybyň mynasyby alynýar. Olam doly hiç bolmanda ýeterlik häsiýetlendirlendir. Hat-da , tekste giren adamlaryň soňky ykballary hakynda

aýdylaýanda işiň oňyn tarapy duýulyp hasaplanýandygy ýatlanylmalydyr.

Kähalatlarda işde partiýa, hökümet kararlarynyň sanawy şekilli sahypalar duş gelýärdi. Indi şu hem artykmaçdyr. Birdir ikidir, karary ýatlap bolar. Ýöne onuň näme üçin kabul edilendigini onuň beren peýdasyny ýa-da zyýanyny açyp görkezmelidir.

Işiň baplarynyň we paragroflarynyň möçberini kesgitlemek üns bermeli meseledir. Sunda mümkin boldugyça. Deň möçberlilik saklansa gowy bolar. Elbetde, has ähmiýetli bap ýa-da paragrof 5-10 sahypa artykmaç ýer tutup biler. Emma ol işiň umumy düzüminde bildirip durmaz. yöne deň möçberli etjek bolup käbir baplaryň “gulagyndan çekip (içini ikinji derejeli materiallardan) dolduryp çişirmekligiň geregi ýokdyr. Işde her sahypa, her setir, problemanyň çözgüdine ýardam etmelidir.

Işiň ylmy sorag bölegini düzmegiň ähmiýetine kem baha garalmaly däldir. Işiň ahyrynda “Goşmaçada” berilýän “Edebiýat we çeşmeleriň”, tablisadyr – diogrammalaryň, eger bolsa at ýa-da geografiki görkezijileriň işiň ylmy tarapyny açyp görkezmekde ähmiýeti ulydyr. Kä halatda tekstde setirleriň aşagynda getirilen görkezijiler, düşündirişler, suratlar işiň hiline oňyn täsin edýän zatlardyr.

Golýazmany maşynkadan geçirmek. Onuň ara alynyp maslahatlaşylmagy ozaly bilen işi okan adamlaryň pikirine belliklerine dykkat bilen üns bermelidir hem olar hormat goýmalydyr. Şunda aýratynam adalatly tankydy bellikleri işiň diňe bähbidi üçin aýdylýandygyny unutmaly däldir. Şoňa düşünip işläniňde tekstdäki kemçilikleri düzetmek şeýle bir agyr däldir.

Işiň ikinji gezek maşynkadan geçirilmegi kähalatlarda işiň iki-üç, hat-da ondanam köp gezek ara alynyp maslahatlaşylýandygy (her gezegem maşynkadan geçýändigi) düşnüklidir. Praktikada seýrek däl her gezek teksti

(maşyndakan soň) barlamak sifrlary sitatalary ylmy sorag böleginiň materiallaryny gözden geçirmek gerekdir. Ýöne iş maşynkadan soňky gezek geçirlende bular hökmany suratda edilmeli işlerdir.

## Türkmen taryhynda şahsyýet problemasy.

**Orta asyr şahsyýetlerine bolan garaýyşlar.** Şahsyýet meselesi türkmen taryhynda esasy meseleleriň biridir. Halkyň beýik şahsyýetleri dooly görkezilmedik taryhy hakykatdan üzňedir . Ol ýasama has takygy gal taryhdyr. Haýsy halk bolsun onuň özüne ýetik beýik şahsyýetleri bardyr. Türkmende bolsa şeýle şahsyýetler sanardan köpdür. Emma gynanyşly ýeri türkmen taryhynda olara mynasyp orun berilmedi. Şu nukdaý nazardan synlasaň biziň taryhymyz ilaty göçüp gutaryp galan haraba meňzeýär. Biz öz geçmişimize seredenimizde diňe harabatçylyk görünip gözel ymaratlaryň abat wagty, Olaryň ýaşap döreden halkyň danalary görünmeýän bolsa, onda taryhymyzy bilşimiziň ýabgorly boldugydyr. Halk hiç wagtda paýhasly serdarsyz, dana ýaşulysyz bolan däldir. Türklmen taryhynda olar hakda “dil ýaryzmazlygy” asla hakykatda olaryň bolmandygyny aňladmaýar.

Uly taryhçy, akademik A.Ýu. Ýakubowskiý “Halk öz adyndan uludyr” diýipdi. Eger şeýle bolsa türkmeniň beýik şahsyýetlerinide diňe VIII-X asyrlardan (ýagny “türkmen” adynyň edebiýatda duş gelýan wagtyndan) bärde dälde, has aňarraklardan gözlemelidir.

Asla halkyň taryhynda onuň beýik şahsyýetlerini görkezmegiň näme geregi bar? Beýik şahsyýetler halkyň guwanjy-buýsanjydyr. Özleri ýok hem bolsa olaryň ruhy halkyň aňynda diri bolmalydyr. Hakykatda beýik şahsyýetleriň ruhy halkyň maslahatçysydyr. Diýmek beýik şahsyýetler hakynda “dymmak”, iş ýüzünde halkyň buýsanjyny-guwanjyny

elden almakdyr. Has takygy, onuň taryhyny elinden almakdyr. Taryhy elinden alnan, öz beýik ogul gyzlaryny tanamaýan halk bolsa kişiň taryhyna aňk bolmaga, onuň şahsyýetlerine agzyny öweldip seretmäge mejburdyr. "Öz arrygyny har eden, kişi arrygyna zar bolar".

Öňüräk Moskwada "edebiýat we häkimiýet" diýen mowzukdan bolan çekişmeden bir pikiri ýatlasym gelýar: "uly ýazyjylaryň döwri geçipdir. Biziň hemmämiz kiçijik adamlar, gün güzerany bilen gümra bolup ýören adamlar". Göwnüme bolmasa şy netije taryhçylarada degişlidir. " Biz taryhçydyrys" diýýän kişiler bilen bölek-püçek mowzuklary (bir bäş ýyllyk, iki bäş ýylyk we ş.m.) güýmenişip ýörler. Halkymyzyň taryhynda bolsa, gör, näçe açylman ýatan gatlar bar. Geradot, Al Biruny ýaly beýik taryhçylaryň adyny tutmanyňda-da, XII asyrda Maryda ýaşap geçen as Samani Merwezi bilen deňeşip biljek taryhçymyz henizä ýok. Ol Marynyň iň gadymy döwürlerde XII asyra çenli bolan XX tomluk taryhyny, başga-da Bagdadyň taryhyna goşmaça XV tomluk taryhy ýazyp gidipdir. As Samani VIII-XII asyrlarda ýaşap geçen Musulman medeniýetiniň wekilleriniň (Orta Aziýa, esasanam Mara degişli) –alymlaryň, edebiýatçylaryň, şahyrlaryň we ş.m. 2,5 müňüsi hakda jikme-jik maglumatlar galypdyr. Şol adamlardan hiç bolmanda 40-50 sanysyny halkymyzyň taryhynyň degişli asyrlaryny, "göçürip eltmän" şol atryhy doly bahaly taryh diýip bolarmy? Elbetde, bolmaz. Şu ýerde beýik Magtymgulydan bir bent goşgyny ýatlamak ýerliklidir.

Abu Sagyt, Omar Haýyam, Hemedany,
Ferdöwsi, Nyzamy, Hafyz perwany,
Jelaletdin Rumy, Jamy Eldamy,
Alarnyň ýanynda men hem san bolsam.

Ýa-da: Nyzamy, Nowaýy, ýene Ferdöwsi,
Size köp hyzmatlar goýandyr köňlüm- Mollanepes.

Görnüşi ýaly, türkmen klassikleri ol beýik akyldarlary özleriniň halypalary hasaplapdyrlar. Dýmek, ol ägirtleriň

türkmeniň ruhy dünýäsiniň, onuň ahlagyna biçak uly täsir edenligi ikuçsyzdyr. Şonuň ücin hem olar türkmen taryhynda özlerine mynasyp ornuny tutmalydyr. Halkymyzyň guwanjyna , buýsanjyna öwrülmelidir.

Dogrusy, 1917-nji ýylyñ Oktýabr ynkylabyndan ozal ol şeýledi. Türki kowumlarynyň hemmesi ol ägirtleri özüniňki hasaplaýardylar. Olara guwanýardylar. Soň sosializ zamanynda olar halklar arasynda "paýlanyşyga" düşdi. Nowaýyny özbekler, Nyzamyny azarbeýjanlar, Magtymgulyny türkmenler, Omar Haýyamy, Ferdöwsini Eýranly-täjikler aldylar. Olaryň hersi halkyň ruhunyň bir sütünidi. Ençeme sütüniň ýykylmagy ýa-da "ogurlanmagy" halkyň ruhy dünýäsini daraltdy, garyp düşürdi. Emma biz ýene-de halkymyzyň aňynda olary ýagty ruhuny dikeltmelidiris. Taryhymyzda olaryň keşbini görkezmelidiris.

Omar haýýam aýtmyşlaýyn ähli zaman akyldarlary dünýädaki 3 süri (ölümiň duýdansyzlygynyň syry, asman giňişliginiň syry, zenan söýgüsiniň syry) açmak ugrunda "kelle baryny" döwdüler. Ýöne ol syrlary açmak heniža hiç kime başartmady, Hiç kin öňünden haçan öljegini bilenok. Asman giňişliginiň hem nirede başlanyp, nirede gutarýanyny nämälim. Zenan söýgüsem şonuň ýaly. Giden bir düşnüksizlik.

Emma dünýädäki iki ajap zadyň-asman gümmeziniň hem-de ahlak dünýäsiniň-gözelligini wasp etmekde Beýik akyldarlaryň bahasyna ýetip bolmajak hyzmatynyň bardygy aýtmalydyr. Aýratynam adamzadyň ahlak dünýäsiniň beýan edilen keşbi mümkin boldugyça hlkymyzyň keşbine çaýjak bolmandyr. Onuň üçin şol ägirtleriň ruhuna ýüzlenip olaryň eserlerinden ylham almalydyrys.

Akyldarlar bilen bir hatarda halkyň öňüne düşen patyşalar, hanlar, serdarlar taryhda öz mynasyp orunlaryny tutmalydyr. Biz türkmenler oguz hanyň nesili diýýäris. Diýmek, taryhda yz galdyran oguz patyşlalaryny ýatlamalydyrys. Ozaly bilen oguz orhon ýazgylary, şol

ýazgylarda atlary daşa ýazylan patyşalar barada aýtmalydyrys. Indi şol ýazgylar

Ongin yazgysy: Olar Orhon derýasynyň boýunda degresinde bina edilipdir.

Kültegin ýazgysy: Ol demirgazyk Mongoliýada Bilge kagan hormatyna ýazgy

Şol ýerleri Oguzlaryň watanynyň bir merkezi bolupdyr. Ýazgylaryň diliniň esasy oguz dilidr.

Kuly Çor hormatyna ýazgy

Moýun Çor hormatyna ýazgy.

Bu ýazgylardan başga Talas we Ýeniseý ýazgylary (tapylan ýerleriniň atlary bilen atlandyrylan) hem bar. Emma şu üç topar ýazgylaryň içinde biz üçin iň ähmiýetlisi Oguz-Orhon ýazgylarydyr. Sebäbi olar türkmen edebiýatynyň eserleridir.

Oguz-Orhon ýazgylary N.M. Ýadrinsew tarapyndan tapylýär. Moýun çoruň hormatyna ýazgyny Professor G.I. Ramster tapdy we 1909-njy ýylda ol hakdaky maglumaty çap edip cykardy.

“Oguz-Orhon ýazgylary” 690-751-nji ýylar aralygynda dikilipdir. 6 ýazgy-alty sany daş ýorük hat ýazmak üçin gapdallary timarlanan daş. Olaryň ulusy Kültegininiň hormatyna salnan ýazgy ýadygärlik. Onuň beýikligi 3,15 m., esanyň giňligi 1,24m., ýogynlygy 41 sm. Munuň bir gapdalynda 40 bölekden ynarat ýazgy (uly ýazgy), başga bir gapdalynda 13 bölekden ybarat ýazgy

XV asyryň bir taryhçysy : “Muhammet pygamberiň zamanyna ýakyn bir döwürde oguzlyň arasynda Gorkut ata atly bir adam döräp oguzlaryň dilinde bir kitap ýazypdyr. Ol kitabyň adyna “Kitaby däde Gorkut” diýip at berilýär” diýen maglumat beryär. Mundan başgada gündogaryň meşgur taryhçysy Reşidedin Tebip (XIV) Alişir Nowaýy (1441-1501) görnükli türkmen taryçysy Salyr baba Gulal ogly (XVI) hem belli taryhçy Abul Gazy Bahadyr han (XVII) doly oguzlaryň bolan Garahoja diýen adamyň Gorkut ata diýen oglunyň

bolandygyny…, hat-da Gorkut atanyň oguz türkmenleriniň Baýat tiresinden bolandygynda aýdýarlar.

Aýdylyşyna görä, Gorkut ata uzak ýaşapdyr. Taryhçy A. Ýu. Ýakubowskiý oguz türkmenleriniň orta asyrda şan ýerleri bolan Kazalinsk (kazaly) bilen Gyzyl ordanyň ortasynda Gorkutyň mazarynyň ýatandygyny aýdýar. Edebiýat taryhçysy Ýe. E . Bertels: “ göçüriji kitabyň dilini täzeleşdiren hem bolsa, her halda onda türkmeniň dürli şiwelerinde häzire çenli ulanylyp ýörlen gaty köp sözler galypdyr, bu bolsa kitabyň türkmenleriňkidigini açyp görkezýar” (Literaturnaýa proşlaýa türkmenskogo naroda // sowet edebiýaty 1944 № 9-10. ).

Türkmenleriň “Gorkut ata” eposy XII bapdan ybarat (Ata Rahmanow şonuň üstüne ýene-de 8 boý bap bagşy hekaýatçylaryň dilinden ýazyp alypdyr.). Epos X-XI asyrlarda, onuň käbir bölümleri bolsa VI-VII asyrlara degişlidir. Baýandyr han salyr gazan (ol ýedi arka aýlanyp oguzhana barýar), Gorkut ata kitabyň hemme baplarynda gatnaşyarlar. Kitapda watana wepalylyk, mertlik, urş hünärini türgen bilmek we beýleki meseleler örän ýiti goýulypdyr. Epasda maşgala meselesi örän ýiti işlenipdir. Aýal gyzlar erkin. Olar mert ýan ýoldaşyna wepaly  gerek bolsa ýarag alyp ata çykýar. Oglana bir iş bitirýänçä 15-16 ýaşasada at dakmazlyk we ş.m. giden bir paýhas hemme ýerde şoňky söz Gorkut atanyňky-parasatly türkmen ýaşurlysynyňky. Ajap zat. Tüýs öwrenilmeli zat.

Emma, gynanyşly ýeri, Türkmenistanyň taryhynda Oguz-Orhon ýazgylary, olardaky men oguz diýip gygyryşyp duran patyşalar hakda-da beýik, akyldar Gorkut ata hakda-da degerli zat tapmarsyňyz. Bu örän geňdir. Ýoňe fakt.

Görogly hakda. Öwürjik ýa-da ogurjyk soňabaka Görogly atlandyrylan bolmagy ahmal. Ogurjyk 16 arka aýlanyp Oguz hana barýar. Ogurjygyň agtygy – Ärsary baba. Ol XIX arka aýlanyp Oguz hana barýar. Görogla balkan etraplarynda ýaşap geçipdir. Ol takmynan 1270-nji ýyllarda dolup 1335-nji ýyllarda hem aradan çykypdyr. (Balkan degresinde iliň

Öwezjan). Arsary babada balkan Mangyşlak etrabynda ýaşap geçipdir. Ol takmynan mongollaryň çozuşyndan soň öz ýanyna gaçyp baran türkmen taýpalarynyň birleşen soýuzyna "(Salyr birleşmesine) baştutanlyk edipdir. Ol Ylym-bilimiň gadyryny bilýan adam ekeni. Ol Könürgençde ýaşayan Şyh Şeref hoja diýen bir alyma dini meseleleri arapçadan türkça terjime edip bir kitaby ýazyp bermegini haýyş edipdir. 1313-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda ýa-da 1314-nji ýylyňürkmenbaşy aýynda ol kitap “Mu ik al Muryd” (Muridler, ýagny yslamy goldaýjylar üçin gollanma) ady bilen ýazylyp gutarylypdyr. Onuň üçin Arsary baba Şyh Şeref hoja üsti sylag-serpaýly 40 düýe sowgat iberipdir. Soňraky geçen birnäçe asyrlaryň dowamynda ol kitap türkmenler üçin gollanma bolup hyzmat edipdir. XVII asyrda ýaşap geçen Abulgazy hanyň aýtmagyna görä, tukmenler şol wagtlaram şol kitabyň düzgünlerine eýerýän ekenler. Arsary babanyň birnäçe ogly (Eýnelbaby, Zeýnelbaby) Mamabike atly görmegeý gyzy Akbibi atly aýaly, Gara, Bekewül… atly agtyklary bolupdyr. Horasanda oturan Eýran şasynyň dikmesi Komabeg Arsary babadan gyzyny özüne aýallyga bermegi sorap sawçy iberipdir. Rowaýata görä, Arsary sawçylara: “Siziň hanyňyz meniň gyzyma däl-de türkmen halkyna öýlenip, ilimize agalyk etmek isleýär. Biz erkinligi söýýän il. Şonuň ücin gyz berip, siziň hanyňyza bakna bolup bilmeris” diýýär. Komabeg duýdansyz çozup Arsarynyň ilini çapýar, özüni öldürýär, Mamabikäni äkidip özüne aýal edinýär. Emma Arsarynyň nebereleri soňra gdidp ony alyp gaýdýarlar.

Arsary babanyň Komabege jogaby 19 asyr şondan öň Massagetlaryň patyşasy Tumaryň (Tamiris) eýraynyň patyşasy Ahamenidler dinastiýasynyň düýbüni tutan Kir II beren jogabyny ýatladýar. Kir II Tumara öýlenmekçi bolýär. Eger razy bolmasa iline gan çaýkajakdygyna aýdýär. Onda Tumar: “ sen maňa öýlenmek bilen tutuş ilime öýlenmek, ony bakna etmek isleýärsiň. Men aýalam bolsam, saňa heleý bolmaryn. Geregiň gan bolsa, seni gana suwa düşürerin” diýip hut özi urşa

ýolbaşçylyk edipdir. B.e.öň 530-njy ýylda häzirki Üňüziň bir ýerinde ol Kiri ýeňýär. Oldürilen esgerleriň içinde Kiri tapyp onuň kellesini deri gaba salýar, soň ony gandan doldurýär we “Men seni gana suwa düşürerin diýipdim, şol sözümde-de tapyldym” diýýär.

Ärsary babanyň mazary Tüwer - 12 km golayýnda gyryň üstünde ýerleşýär. Onuň kelle süňküniň iki ýerinden ýaý peýkamynyň deşendigi, sag eliniň süňküniň mazarda ýokdugy, gursak boý inçe bildäki oňurga hem çep äňiň süňkleriň döwlendigini, süňklerde gylyc yzlarynyň bardygy anyklanyldy.

Arsary baba Nowaýydan 1,5 asyr öň türki dilde edebiýatyň gerekdigine düşünen, şoňa görä iş alyp baran parasatly ýolbaşçy. Ol öz döwrüniň hakyky magaryfçysydyr. Emma ol TSSR taryhynyň birinji tomunda “Yslam dininiň dyzmaç tarapdary”, “ feodal serkerde” we ş.m. hökmünde görkezilipdir.

Aba Swerdaryň, Keýmir körün, Nurberdi hanyň, Gowşut hanyň, Jüneýthanyň, Eziz hanyň G. Atabaýewiň we başgalaryň dogruçyl keşbini görkezjek bolmaly.

Töre ahun, Araly pir, Niýazguly halypa we beýleki ahunlar – ulamalar hakda aýdylmalydyr.

Türkmen durumuşynda magaryfçylaryň uly toparyny bagşylar tutýar. Berwat Merweziden (VI) belki ondan hem aňarrakdan gaýdýan türkmen sazynyň edebiýatynyň bu ajy propagandistlerine taryhda giň orun berilmelidir. Şahyrlar bagşylar halkyň ruhy halypalary olaryň täsiridurmuşyň ähli sferasyna ýetipdir. Diýemek olar hakda şeýle diýibem ýazmak gerek.

Görnüşi ýaly, geçmişde şahyrlar alymlar halkyň “gözi-gulagy” bolupdyr. Olar öz pikirlerini än aýdypdyrlar, Bu günki gün olaryň “göz-gulak” bolşy nähilikä? Eger olar bu gün halkyň agysyna aglap bilmeýän bolsalar Onda “Göz-gulak” bolmakdan geçen, ýal-ýagylara öwrülendir. Bir söz bilen aýdylanda, şahsyýet problemasy türkmen taryhynda örän

düýpli işlenilmeli mesele. Onsuz ghalkyň buýsançly başynyň galldyryp bolmaz.

**Türkmen taryhynyň sowet döwründäki şahsyýetlerine bolan garaýyş.** G. Atabaýew, Ş. Batyrow, B. Garryýew, M. Kösäýew, B. Kerbabaýew we başgalar.

B. Öwezow, M. Gapurow, S.Babaýew, O.Şyhmyradow, N. Durdyýewa,Ç.Ataýew, M.Molaýewa we başgalar.

Mežlauk, Çubin, Rynow,Prsudin, Raçkow, Nesterenko, Boraşnikow, Dolgow, Şmidt, Harkow,Oçerçow we beýleki tipler. Şu topar esasy häkimiýet şularyň elinde bolda Ölar merkeziň ýörite iberen doly ygtyýärly dikmeleridi. Emma taryhda olaryň adyna kän duş gelinmeýär. Oňa türkmenisň ady familiýasy bolanlar köpüräk girizilipdir. Iş ýüzünde bularda erk ýokdy. Indi şu meseläni dogry beýän etmeli. Bu Metodologiýä talap

Türkmen taryhynyň Sowet döwri Rus atlaryndan doludyr. Olar hemme ýerde, “akylly başly”, “arassa”, “synynda namaz okabermeli” adamlar. Türkmenlerdenem bäşdir üçdir adam bar: rus dilini bilip, şolaryň göwnüni tapyp işläp bilenler, başgada käbir’ zahmet gahrymanlary”. Elbetde, olar halkyň hakyky wekilleri däldi. Şonün ücin indi halkyň taryhyna girizjek bolsaň olara hem içgin seretmeli.

Sowet döwründe hem türekmen halkynyň arasynda hatly sowatly işany, auny, il halar aksakallary bolandyr. Hiç kime wezipesi (resmi taýdan) bolmadyk hem bolsa, olar halkyň ahlak kadalaryny saklamakda ep-esli rol oýnapdyr. Ynha indi şolary ýüze çykaryp taryhymyzda beýän etmeli. Bu hem metodologik talap.

Şahsyýet meselesi bilen bagly ýene bir mesele: Ärsary baba Sarahs baba, Hoja ýusup baba, Aşyk aýdyň, Baba gammar, Akişan (Gurbanmyrat işan) we beýleki öwlüýäler bulara nähili garamaly? Olaryň mazary biziň toparymyzda ýatyr. Ol ýerleri ilat mukaddes ýerler hasaplaýar. Zyýarata barýär. Diýmek il halasa atyň soý diýlş ýaly olar halkyň

taryhynda öz mynasyp ornuny eýelemelidirler. Olar kim nirede, näme üçin wepat bolupdyr – bu hakda halk öz taryhynda okap bilse oňat bolar.

Ýene bir gaýra goýulmasyz iş: Oba pasýolog atlaryny täzeden seljermek zerur. Rus atlarynyň syýasy ideologik atlarynyň internasional atkaryň bir asyra çeken interwensiýasy netijesinde türkmeniň özüne husus bolan ýer ýurt atlary ýiteňkirledi. Mysal üçin, häzirki Lenin adyndaky kolhozyň öňki ady Stalin ondan öňküsi Lenin, şol obanyň gagşal ady bolsa ýitip gidipdir. Şeýle ýitip giden atlar ýüzlerçe, müňlerçedir. Indiki wezipe türkmeniň taryhy geografiýasyny – gadymdan gelýän ýer ýurt atlaryny dikeltmekden ybaratdyr. Şonsuz halkyň taryhy aňyny dikeldip bolmaz.

Oguz hanyň haçan patyşalyk edenligi barasynda käbir maglumatlarda B.e.öň 4 müň ýyl başga birinde bolsa mundan 5 müñ ýyl ozal patyşalyk edipdir. Bularyň haýsysyna ynanmaly? Ynandyk hek diýeli. Onda Salyr gazan Ogyzyň ýedinji arkasy (nesli) ýa-da oguzdan 300 ýyl soň ýaşapdyr; Ogrujyk Alp Oguzyň 16-njy arkasy Atrsary baba (ogyrjyk Alpyň çowlugy) ogyzyň 19 arkasy diýilýär. Salyr gazan Gorekut atanyň döwürdeşi. Gorkut ata Muhammet pygamberiň yz ýanynda dünýä inipdir. Diýmek bu maglumatlar aýratyn hem oguz hanyň öz ýaşan döwrüne degişli anyk sanlar tankydy garamaga mätäçdir.

Gorkut atanyň ýaşy barada: Kä maglumatlara görä, ol 295 ýaşapdyr. (R. Rejepow. Gadymy türkmen edebiýäty) “Gorkut ata” kitabynda bolsa ol 195 ýaşapdyr diýlýär. Bularyň haýdy dogruka?

Umuman, türkmen halkynyň emele gelmegi ýa-da türkmen taryhynda etnogenez problemasy örän çylşyrymly problemadyr. Bu hakda ýazan her taýpa tire hakynda dürli-dürli pikirleri çaklamalary aýdan awtorlar köp. Indi şolary deňeşdirip maglumatlaryň has hakykata golaýyny saýlap almak ýeňil-

ýelpaý iş däl. Bu hakda entek-entekler taryhçylar “kelle döwmeli” bolsalar gerek.

## Tükmen taryhynda döwlet meselesi.

**Türkmen halkynyň guran döwletleri hakynda.** Taryhy maglumatlarda türkmenleriň geçmişde döreden döwletleri, şýle hem orta asyrlarda we häzirki döwürde döwleti dolandyrmagyň taglymatyna we tejribesine degişli çuňňur filosfiki pikirler orta atylýar. Şoňa görä-de Saparmyrat Türkmenbaşynyň türkmen halkynyň taryhyny öwrenmekdäki taglymatyny nazarda tutmazlyk,has ýumşak aýdylanda, şowakörlik bolar.

Türkmen halkynyň guran döwletleri barada şeýle diýilýär: “Adamzat döräli bäri Beýik Alla türkmen milletini taryhyň dürli döwürlerinde uly-uly synaglardan geçirdi. Meniň halkym ol synaglaryň öňünde durup bildi. Aňyrsy 5 müň ýyl mundan ozal milletbaşymyz Oguz han Türkmenden gaýdýan türkmen halky Gundogarda Hindistan, Günbatarda Orta ýer deňzi aralygynda döredilen dünýä gymmatlyklaryna dürli ugurlarda saldamly goşandyny goşdy, öz topragynda Änew, Altyndepe, Marguş, Parfiýä şalygyny seljuk türkmenleriniň şalyklaryny, Köneürgenç türkmen döwletni – jemi 70-den gowrak döwlet döretdi”.

Saparmyrat Türkmenbaşynyň BMG-niň “Müňýyllygyň Assmbleýasy ” maslahatynyň öň ýanyndaky oýlanmalarynda türkmenleriň dünýä siwilizasiýasyna goşandy şeýle häsiýetlendirilýär: “Türkmenler örän gadymy siwilizasiýänyň eýeleridir, olar oguzlaryň we seljuklaryň nesilleridir, oguzlar we seljuklar bolsa ýuzlerçe ýylyň dowamynda Orta, Günorata , Günbatar Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň giňişliklerinde ençeme döwlet döreden hasap edilýär. Şu tejribe halkyň gylyk-häsiýetini we edim-gylymyny kemala getirdi. Şu günki gün hem Türkmenistanyň daşary syýasatynyň uzak

möhletleýin ugruna we häzirki hereketlerine esas edilip, hoşniýetli goňşuçylygyň özara bähbitli hyzmatdaşlygyň synagdan geçen ýörelgeleri saýlanyp alyndy ” diýip, Saparmyrat Türkmenbaşy ýazýar.

Türkmenleriň döwlet gurluşy taglymatynda kanunalaýyk şertleri görmek bolýar. Olaryň has ileri tutulýany aşakdakylardan ybarat: Halk köpçüligini yzyna düşürip bilýan lider, orta asyrlarda aýdylyşy ýaly, serkerde ; syýasy we ykdysady garşsyzlyk; ýurtda agzybirlik, asudalyk, jebislik; goňşy döwletler bilen parahatçylykly ýaşaşmak we başgalar.

XI asyrda halky yzyna düşürip beýik türkmen döwletini guranlarSeljugyň agtyklary (Mikailiň ogullary) Togrul beg we Çagry begdir.

XX asyryň ahyrynda Garaşsyz türkmen döwletini döreden hem-de oňa baky Bitaraplyk hukugyny alyp beren lider Saparmyrat Türkmenbaşydyr.

Mälim bolşy ýaly, biz türkmenler öz Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşyny Türkmenistanyň ömürlik Prezidenti saýlamak bilen, öz ykbalymyzy oňa doly ynandyk. Şol beýik ynamy ödemek üçin biziň Mähriban Prezidentimiz ýurduň ykdysadyýetini, halkyň durmuşyny, ýaşaýşyny gowulandyrmak , medeniýetini we sungatyny ösdürmek üçin gijesini gündiz edip, ýadawsyz zähmet çekýär.

1035-nji ýylda türkmen serkerdelri Togrul begiň we Çagry begiň yzyna düşüp, 10 müň türkmen öýlüsi Mawerannahrdan Horasana geldiler. Şol zamanda Horasan Gaznaly döwletine tanbyndy. Türkmenler Nusaý, Ferawa, Dehistan sebitlerinde ýaşadylar. Emma olar Gaznaly emiri soltan Masuddan ejir – sütem çekdiler. Şoňä görä-de olar garaşsyzlyk ugrunda göreşdiler. Togrul beg we Çagry beg türkmenleri öz töwereklerine jebislemegi başardylar. Şeýlelikde bolsa, kyn şertlerde deň bolmadyk güýç bilen Gaznaly Masudyň, şol döwürde aýdyşlary ýaly, “ýeňilmez ” goşunyny ýeňipdirler. Belli türk taryhçysy F. Sumeriň ýazyşy ýaly, on türkmen 500

gaznaly goşunyna taý gelip bilipdir. Adatça taryhda döwletler arasyndaky uruşlarda üstünlikler köplenç halatda ol ýa-da beýleki tarapyň goşun sanynyň artyklygy ýa-da ýarag tehnikasynyň artykmaçlygy bilen kesgitlenilýär. Emma biz bu ýerde başga bir zady- ynamy görýäris. Ynamyň bar ýerinde ýeňişiň bardygyny, halallygyň bardygyny Saparmyrat Türkmenbaşy biziň hemmämizden ozal duýdy. Oňa bolsa türkmen taryhyny ýadawsyz öwrenmegi, ata-babalarymyzyň durmuş-tejribesine döredijilikli çemeleşmegi uly itergi berendir diýsek, öte geçdigimiz bolmasa gerek.

Beýik Türkmen Seljukly döwletiniň lideri Togrul beg diňe bir türkmenler tarapyndan ykrar edilmek bilen çäklenmän, eýsem tutuş musulman älemi tarapyndan serkerde hökmünde ykrar edilipdir. Hökümdarlardan iň soňky soltan derejesine eýe bolnlar  Seljukly türkmenlerdir. Olaryň içinde hem Türkmen Togrul begdir. Soltan derejesiniň halyf tarapyndan musulman äleminiň dünýewi hökümdary diýen manyny aňladypdyr.

Togrul beg döwlet gurmak bilen ulamalra we  şeýhlere köp hormat edipdir we häkimýetini ruhy güýçler bilen berkidipdir. Garaşsyz türkmen döwletinin gurluşynda we ony dolandyrmakda şeýle usuly biz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyda hem görýäris.

Ikinji müňýyllygyň başynda Horasany, Hazaryň gündogarsyny, Kawkazy, Türkiýäniň bir bölegini türkmenler eýeläpdirler, türkmenleriň Horasandan baryp Orta ýer deňzine çenli şalyk süren döwürleri bolupdyr. Onuň şeýledigini taryhy maglumatlar tassyklaýar.

Türkmenleriň Anadolyny eýeleýişleri baradaky taryhy çeşmeleriň birinde şeýle habar berilipdir  Türkler hemme ülkeleri aldylar, hiç bir päsgel görmezden çar tarapa ýaýradylar.

Şeýlelikde, olaryň almadyk ýurtlary, içmedik suwlary , ýakmadyk ojaklary galmady. Hökümdarlar olardan gorkup gaçdylar. Bular baran şäherlerini doldurdylar. Olaryň häkimlerini kowup, özlerinden häkim goýdular”.

Türkmenleriň Oguzhandan başlap dünýäniň çar tarapynda ençeme döwletler döredendikleri nygtalýar. Şol döwletleriň gülläp ösmeginde agzybirligiň, synmagynda bolsa agzalalygyň esasy sebäplerdigi görkezilýar. Şol döwletlerin hatarynda Beýik Türkmen Seljukly , Garagoýunly, Akgoýunly döwletlerini, Ilerki Aziýada, Ýakyn we Orta Gündogarda, Müsürde , Palestinada dörän döwletleri we beglikleri-hanlyklary görkezmek bolar. Kiçi Aziýa ülkesine "Türkmenleriň ýurdy" diýilmegi tötänden däldir.

Anadolyda dörän onlarça türkmen beglikleriniň birleşmegi netijesinde, häzirki Türkiýe döwletiniň esasy bolan Osmaly döwletiniň döredenler hem türkmenlerdir.

Türkmen halkynyň beýik dosty, Türkiýaniň ozalky Prezidenti Süleýman Demireliň sözleri bilen aýdanymyzda , "Beýik Seljuklar döwletini guranlar hem türkmenleriň kynyk taýpasyndandyr. Osmanly döwletini gurup, 650 ýyllap Wena çenli türklügi  we musulmanlygy ýöreden kaýy taýpasy-da türkmendir". Şeýle hem Süleýman Demirel "türkmenler bilen türkler bir daragtdyr, türkmenler şol daragtyň köküdir, türkler bolsa şahasydyr" diýipdi.

Türkmen döwleti barada gürrün açyp biziň milletimiziň gözbaşynda duran Oguz handyr" diýmek bilen, türkmeniň döwlet gurluşy we döwleti dolandyryş tejribesiniň azyndan bäş müň ýyl bardygyny belleýär.

Türkmen döwletiniň şeýle uzak taryhynda galkynyş döwrem, pese gaçyş döwrem bolupdyr diýmek bilen, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy IX-XII asyrlary Türkmen döwletiniň gülläp ösen döwrüdir diýip häsiýetlendirýär.

Orta saglarda (Orta asyrlarda) Türkmenleriň- Seljuklaryň güýçli we kuwwatly imperiýany döredendiklerini, onuň Gündogaryň syýasy, ykdysady we medeni merkezi bolndygyny bellemek bilen, Garaşsyz Türkmenistanyň halkyny ozalky belentligine we gülläp ösüşine ýetirmekçidigini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy nygtaýar. Onuň şeýle boljakdygyna

Türkmenistanyň Perezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgerişleriň 2010 –njy ýyla çenli baş ugry" milli maksatnamasy hem şaýatlyk edýar.

**Türkmeniň döwleti barada.**

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti XXI asyry türkmeniň Altyn asyry diýip yglan etdi. "Türkmeniň Altyn asyry nähili bolmaly?", "Onuň ykdysady tarapy , onuň syýasy tarapy, onuň ruhy tarapy haýsy ýol bilen gitmeli?" diýen soraglara jogap berende , öňde duran wezipeleri kesgitlemek üçin, ozaly bilen, geçmişimize göz aýlamalydyrys diýýär. Biz nireden başlapdyrys ? Türkmenler haýsy çeşmeden çykypdyr, türkmenler haýsy gözbaşdan ýol alyp gaýdypdyr. Ine , biz şuny kesgitlemelidiris diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy taryhy tejribä uly ähmiýet berýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döwlet gurluşy taglymatynda goňşy ýurtlar we halklar bilen ylalaşykly ýaşaşmak meselesine aýratyn orun berilýär.

Kä bir mysallara ýüzleneliň . Türkmen-özbek goňşuçylyk gatnaşyklaryny Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle häsiýetlendirýar: "Biziň iň ýakyn goňşymyz Özbekistan. Aslyna garanyňda biz bütewi halk, kökümiz bir, ukladymyz umumy, taryhy taýdanam biz birek-birekden aýrylmaz. Biziň ýerlerimizde bütewi halk – oguzlar ýaşapdyrlar. Gadymy medeniýetimizem öz gözbaşyny şondan alyp gaýdýar".

Garaşsyz we Baky Bitarap türkmen döwletiniň daşary syýasatyny häsiýetlendirip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "… biz hemme goňşular bilen ylalaşyp, birek-biregi goldap, hiç kimi horlaman, hiç kimi aldaman, diňe dogan ýaly ýaşamaly" diýip ýazýar.

BMG-niň "Müňýyllygyň Assambleýasynyň " öňýanynda çap edilen makalasynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen-owgan gatnaşygy barada gürrň açanda : "Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanyň mysalynda özüniň

Owganistan boýunça ýörite missiýasyny ýetrine ýetirýän ygtybarly hyzmatdaşynyň bardygyna berk bil baglap biler. Türkmenistan owgan meselesini düzgünleşdirmäge işeňňir ýardam etmäge hemişe taýýardyr ” diýdi.

Şol makalasynda Türkmenistanyň Eýran Yslam respublikasy bilen gatnaşygyny Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy “Biziň döwletimiziň halkalryny umumy geçmişimiz, geçmişimizi nurlandyran Gündogaryň tanymal şahsyýetleri birleşdirýar ” diýip häsiýetlendirdi.

Şeýlelikde, türkmenleriň döwlet gurluşynda goňşy ýurtlar bilen ylalaşykly ýaşaşmak esasy şertleriň biri hökmünde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan öňe sürülýär.

Taryhy taglymatynda türkmenleriň döreden siwilizasiýasy möhüm orun tutýar. Türkmenistan köp asyrlaryň dowamynda Gündogardan-Günbatara hem-de Günortadan-Demirgazyga geçýän ýollaryň çatgygy bolup durdy, Hytaýdan ýewrapa geçip gidýän “Beýik ýüpek ýolunyň” merkezi böleginde wajyp orun eýeledi, ol ýol bolsa tas bir ýarym müň ýyllap diýen ýaly parahatçylygyň hem-de dürli halklaryň medenigepleçikleriniň ýoly bolup hyzmat edidi. Bu zatlaryň özi türkmen topragynda aýratyn bir ruhybelentligiň döremegine ýardam beripdi, olar bolsa gadymy Türkmenistanyň bütin siwilizasyýasynyň mahsus bolan medeni öşüşiň herekete getiriji güýç bardyr.

Taryhda bir pähim bar: “Beýik halkyň aýratyn häsiýeti ýykylandan soňra hem aýaga galyp bilmäge ukyplydyr”. Bu häsiýet türkmen halkyna hem doly degişlidir. Mälim boluşy ýaly, SSSR-iň dargamagy bilen, TSSR hem dargady, emma Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwleti döredi.

## Taryh we din: metodologiýa meseleler.

**Sowet häkimýeti ýyllarynda dine bolan garaýyş.** Din medeniýetiñ aýrylmaz bölegidir. Diniñ durmuşdaky ornuny inkär edip, ýa-da bolmasa äsgermezçilik edip medeniýetiñ hakyky keşbini açyp bolmaz. Galybersede, dinde ahlak gymmatlyklar bar. Dini ýazgarmak maksady bilen onuñ diñe zyýanlay tarapyny aýdyp, adam ykbalyny peýdaly taraplaryny görkezmäge salmak metodologik taýdan nädogrydyr.

Türkmen atryhynyñ degişli köpçülikleýin bolup ýazylan işlerde din hem, dindarlaram ýazgarylyp gelindi. Diniñ "halk üçin tirýekdigi", dindarlaryñ, molla bolsuñ, ahun bolsun tapawudy ýok parahor, heleýwas, wujera adamlardygy barad näçe diýseñ ýazyldy. Emma beýik Azadynyñ, Magtymgulynyñ, mollanepesiñ we beýleki akyldarlarñ ozaly bilen öz döwrüniñ örän bilimli ahunlarydygy hiç kim ýadynada düşmedi. Aýdaly, olar şahyrlar şonuñ ücin olaryñ ahunlygyna ünsem berlen däldir diýeli Äraly pir, Mollatöre ahun, Gurbanmyrat işan we beýleki "hakyky" ahunlara näme diýmeli? Olara şol "ýöñkelýän" günäleri sürtseñemä ýokjak däl. Diýmek, bu meseläni aýyl-saýl etmek taryhyñ iñ metodologiñ problemalaryñ biridir. Ol beýik şahslar-öz döwrüniñ uly alymlary halkyñ taryhyna öz mynasyp ornuny eýelemelidir.

Sowet imperiýasynyñ synmagy, dünýäde güýçleriñ deñagramlylygyny bozdyr. Ozalky biri-birine ýarag çenäp oturan iki lagerden – kapitalizm we sosiolizm- biri, sosializm ýok boldy. Dünýä ýüzi kisesi pully işewir adamlaryñ – kopitalistleriñ eline geçdi. Diýmek, dünýäniñ syýäsy gurluşynda iki topara bölünişik döwri gutardy. Emma indi täze bir toparlanyşyk başlandy. Bu-dini häsiýetli. Dünýä ýüzi musulmanlaryñ we hristianlaryñ iki toparlanyşygyna bölünişip barýar.

Biziñ döwletimiz musulmanlaryñ toparyna gäýmegi ahtymaldyr. Şonuñ üçin hem biz öz taryhymyzda diniñ gelip

çykyşyny, halkyñ taryhy ösüş prosesinde onuñ roluny we beýleki din bilen bagly meselelere täzeden düýpli seretmäge mejburdyrys.

**Türkmenistanda otparazçylyk dininiň ýüze çykmagy.** Zaraostrizm dini barasynda. Pygamberi-Zaratuştra ("sary düýeli" parsçadan terjimesi). Ol b.e.öňki VII asyrda ýaşapdyr. Özi Orta Aziýanyñ çarwa ilatynyñ wekili bolmaga çemeli. Ỳöne ol ýerde özüne düşünilmäni üçin persiýanyñ gündogaryna baryp ýaşapdyr. Zaratuştra- hakyky taryhy şahs. Ol özüniñ garyp ýaşandygyny, aýalynyñ, gyzlarynyñ, giýewleriniñ bardygyny ýazypdyr.

Zaraostrizm –ýeke hudaýlylygy ündäpdir. Dünýäde "ýagşy" bilen "ýamanyñ" tükeniksiz göreşi gidýär. Her kim hökman öz ýoluny saýlap almalydyr, diýilipdit. Dowzah, uçmah kyýamat magşar gününde günäñ sogabyñ çekiljek mizan terezisi, Syrat köprüsi we ondan geçmelidigini, günä bolsa oda ýykyljakdygy hakda aýdylypdyr. Zaraostrizmiñ bu ideýalary beýleki dünýän dinleri – ýeke hudaýlylyk hristianlyk- tarapyndan ulanylypdyr. Yslam bolsa olary doly suratda özüne alypdyr.

Zaraostrizmiñ keramatly kitaby "Awestadyr". Ol kitaplar toplumy, ýagny 21 kitapdan ybarat Biziñ döwrümize bir kitap we beýleki kitaplaryñam käbir bölekleri gelip ýetipdir. 1757-nji ýylda Fransuz alymy Anketil Dýuperron "Awestany" öwrenmek üçin günbatar Hindistana (şol wagtlar Zaraostrizm dinine ynanýanlar diñe şol ýerde saklanyp galan ekeni. Olar birnäç onarça mün parslar bolup öz dininiñ syryny hiç kime açmaýar ekenler.) gelip zaraostrizm dindarlarynyñ ynamyna girmegi başarýar. Ol 1762-nji ýylda 180 sany gadymy ýazgy böleklerini alyp Paruiže gaýdyp barýar. Soñky 0 ýylyñ dowamynda ol ýazgylary öwrenip "Awestany" neşir edipdir. (1771) Özem onuñ tekstini kommentirläpdir, ýagny oüşündiriş ýazypdyr. Emma onuñ bitiren bu uly isiniñ wagtynda gadyry

bilinmändir. Dýüperrona ynanmandyrlar. Ol 1805-nji ýylda gedaýçylykda ölüpdir.

Zaratuştra adamzat taryhynda ilkinji bolup progresiñ köp asyrlyk göreş hereketidigini, “ýagşy” bilen “ýamany” barlyşyksyz göreş hereketidigini, özünem “ýagşynyñ” (adalatyñ) hökmany suratda ýeñjekdigini aýdan filosofdyr. Ol özüniñ “Awasta kitabynda” aýal gyzlara, Olaryñ durmuşdaky ornuna uly üns beripdir. Ol “söýgüli zenanyñ hakda alada etmäge “ çagyrypdyr. belki orta aziýada ýakyn we orta gündogarda poeziýanyñ (gündogarda onuñ esasy predmetiniñ aýal gyzlardygy hemmelre mälimdir.)has belende göterilmerginiñ sebäplerine şu ýerde gözlemelidir?!

Ỳene br üns bermeli zat: beýleki dünýä dinleriniñ dörän ýerleride Zaratuştranyñ ýaşan ýerinden “taýak ýetmez” daş däl. Buddizm Hindistanyñ bir çetinde (Nepalyñ häzirki serhedine golaý ýerde), Hristiançylyk – Iýerusalim etraplarynda, Yslam hem şondan daş bolmadyk Arabystanda ýüze çykypdyr. Bu hem kanunalaýyklyga däldirdä hernä? Zaraostrizm b.e.öñki VII-VI asyrlarda döräpdir. Buddizm Hristiançylyk – B.e. ilkinji asyrlarynda Yslam bolsa b.e. VII asyrynda ýüze çykdy, Ỳaagny zaraostrizmde müñ ýýl soñ ýüze çykdy.

Zaraostrizm ýeketäk hudaýa Ahuramazda – ynanmagy ündeýär. Şol hemme zady dföretdi, şoñada boýun synmaly, ynanmaly diýýär. Emma adamlary azdyrjak bolup ýören alşyñ manysy zähmetdedir diýýär. Zahmet çekmän, bil agyrtman näçe gurban bereñde-de maksadyñ ýetmersiñ diýýär. Gurban berip gije-gündiz hudaýdan dileg edip oturmafda özüñ işle diýýär. sen bugdaý ekip ýörenini görse al arwahyñ ysgyny gaçýär, döwek döwüp ýöreniñ görse, olar saçyñy ütüp, egerde un edip oturanyñý görse, olar köp çydaman heñkirip başlaýär. Egerde “öýde saçagyñýzda bugdaý nany mydama tapylsa siz mydama al arwahdan rüstemsiñiz, olaryñ agzyna otly kesini gysdyrdygyñýzdyr” diýär. Dünýä dinleriniñ hiç birinden

daýhan zähm,eti beýle belent derejä göterilmändir. Bu Zaratuştranyñ örän uly pähimdar bolandygynyñ şaýadydyr.

B.e.ön VI asyryñ ortalarynda zaraostrizm Orta Aziýanyñ, Eýranyñ, Owganystanyñ teretoriýasynda ýerleşen döwletleriñ XVI –na ýaýran eken. Başgaça aýtsak demoirhgazykda Horezmdenn başlap Günirtada arap deñzine çenli ýazylyup ýatan giñişliklere ýaýran eken.

Emma aparahatçylykly zähmetiñ waspyny ýetiren zaraostrizm ol at üstünde gün geçiryän harbylaşan çarwalaryñ zamanyna şeýle bir kywapdaş gelmedi. Şonuñ üçin hem biziñ eramyzyñ VII asyrynda yslam onuñ täsirini gysyp çykaryp, köp ýurtlara özi ornaşdy.

**Yslam dini we onuň ähmiýeti.** Yslam dini sünni we şaýy diýlen iki ugra VII asyryñ ikinji ýarymynda bölünýär. Sünni yslamda ortodoksal (yzygiderli) ugur hasaplanyp , musulman dinine ynanýanlara köpüsi oña degişlidir. Sünniler Gurhana we süññä daýanýar. Sünniler sünnäni Gurhanyñ mühüm goşmaçasy hasaplaýarlar. Mekke we Medine sünnileriñ keramatly şäherleridir.

Sünniler Muhammetden (570-632) soñ ilkinji 4 halifiñ (4 çaryýaryñ) häkimliginiñ kanuny ýagdaý diýip hasap edýärler.

Şaýylar bolsa şolaryñ içinede 656-661-nji ýyllarda haliflik eden Alini halifatyñ tüýs kanuny häkimi saýýarlar. Olar Abu Bekiri, Omary we Osmany häkimlige (haliflige) güýç bien geçen adamlar hasalaýarlar. Şaýylaryñ pikiriçe dñ hökümdary bolmaga diñe Ala we onuñ tarapdarlaryna ygtyýar berlipdir.

Sünniler üçin Muhammediñ durmuşyna degişli gürrünler mukaddes hasaplansa, şaýylar şol hadyslaryñ diñe Ala we onuñ tarapdarlaryna degişli ýerlerini hakyky diýip nygtaýarlar.

Umuman alnanda Sünni hem Şaýy ugurlarynyn arasynda tapawut esasan, diniñ ikinji derejeli meseleleri boýunça diniñ umumy meselelerinde bu iki ugruñ garayyşlary birir- birine kywapdaşdyr.

Sünnä- sünnäniñ adamlary (sünnä uýýanlar)

Şaýýlar-ar, şia-partiýa, tarapdarlar.
Sünni Şaýy- sünnet bilen bagly däl.

Ýurdumyz Garaşsyzlyga eýe bolandan soň, onuň alyp barýan parasatly syýasatynyň esasynda dinimiz dikeldilip başlandy. Beýik Allanyň ady bilen başlamagy onuň Hydaýlylykdan söz açylýar.

Türkmenler köne adatlaryny asyr boýy tämizläp, kämilleşdirip gelipdirler, dinler çalyşanda hem özleriniň däp-dessurlaryny berjaý edipdirler.

Türkmeniň yslamy parahatçylykly ýol bilen kabul etmeginde, öňki ynançlary, adatlary, däp-dessurlary uly orun eýeläpdir. Özleriniň ozalky ýol ýörelgeleriniň iň gowy taraplaryny yslam bilen utgaşdyryp biljek ýagdaýynda halk yslamy kabul etjekdigini yslamyň wagyzçylaryna düşündiripdir.

Yslamy ýaýradyjylar türkmenleriň aňyrydan gelýän ynançlarynyň-da, däp-dessurlarynyň-da täze dine zyýanynyň ýokdugyna göz ýetirip, halkyň yslama erkin ýagdaýdagirmegini gazanypdyrlar.

Yslam dini ynsanperwer din, ol beýleki dinleri ykrar edýär, olara päsgel bermeýär. Yslam dini ýaýran hemme ýurtlarda-da musulmanlar bilen bilelikde başga dindäki milletler hem ýaşap, öz dinlerini ýördeýärler, olara hiç hili gama-garşylyk ýok. Gaýtam bir din beýlekini inkär etjek bolsa, yslam oňa garşy çykýar. Geçmişde käbir dinleriň içinde azlyk halklaryň dininiň kemsidilýän wagty bolupdyr

Türkmen halky yslam dinine kalby bilen, köňli bilen, ýüregi bilen ynanyp, ony özüniň ozaldan gelýän ynançlary bilen, adaty, däbi-dessury bilen utgaşdyryp ruhuna siňdiripdir.

Türkmen Gurhanyň, hadysalaryň ähli oňatlyklaryny ýörelge edinen halk. Ol bir Taňra uýýar: Ol ýeke täk Allanyň gudratyna ynanýar.

Ateistik döwletde ýaşandygymyza garamazdan, türkmen halky dininden, metjit-medresesinden aýra düşse-de,

Hudaýyndan aýrylmady. Garaşsyzlygyny ýitirip, baknalyga sezewar bolsa-da, topragyna, ata Watanyna bolan söýgüsinden jyda duşmedi. Erkinligini ýitirse-de, erkini ýitirmedi».

## Türkmençilik: taryh we häzirki döwür

**Türkmençilik – türkmeniň milli özboluşlylygy.**
Türkmen taryhyny, medeniýetini çuňňur öwrenmeklik, türkmençilik barada Garaşsyzlyk ýyllaryndaörän giňişleýin durup geçilýär:

Akyl edebiniň manysy atań-eneň gadyr-gymmatyna, tapylgysyzlygyna akly ýetirmekden ybaratdyr. Akyl edebiniň birinji şerti-de atań-eneň kimdigine, kimlerdendigine, öz gelip çykyşyňa akyl ýetirmek, öz nebere kökleriňi bilmekdir. Türkmençilikde şejeräňi nesil-daragtyňy önat bilmek, ýedi arkaňy oňat bilmek, ýedi arkaňa belet bolmak her bir perzendiň borjy hasaplanýar.

Türkmençilik – halkyň, iliň-günüň bähbidini araýan demokratik düzgünlerdir.

Türkmençilik – halkymyzyň öz milliligine mahsus demikratiýasydyr. Türkmen demokratiýasy taryhy – geografik ýaşaýşy birmeňzeş bolan beýleki halklar üçin hem nusga alarlykdyr.

Türkmençilik – türkmen häsiýetiniň gözbaşydyr.

Türkmençilik – gerçek bolup ýaşamagyň kada-kanunydyr.

Türkmen hemişe özüni lebzi halallyk, ýaşulyny sylamaklyk, ýaş kiçä hormat goýmak, geçirimliligi, birek-birege bolan ynamy, türkmen paýhasy bilen öz türkmençilik häsiýetini döredipdir. Bu häsiýet nesilden-nesle geçip, türkmeniň milliligine ornapdyr.

Türkmençilikde myhmana goýulýan sarpa. Türkmen taryhyny, medeniýetini çuňňur öwrenmeklik bilen türkmen

halkynyň myhmansöýerligi, öz öýüniň mukaddesligi barada şeýle beýan edilýär. Biziň ata-babalarymyzyň elmydama gapylary açyk bolupdyr. Olar gulp diýen zadyň nämedigini bilmändir. Ogurluk, kesekiniň zadyna el uzatmak diýen zat biziň halkymyzyň arasynda bolmandyr. Eger-de obada ogry bar bolsa, bütin oba ondan ýüz öwrüdir, onuň bilen hiç kim salamlaşmandyr, hiç kim ony myhmançylyga çagyrmandyr. Türkmen üçin şundan elhenç jeza bolmandyr. Iliň üşen ýerlerinde we wejera edipdirler. Ogrynyň elini kesmek usuly hem ulanylypdyr. Ogryny oba näletläp, obadan çykaryp kowupdyr. Soň ony hiç bir oba kabul etmändir. Adam özüniň ýalňyz duýan wagtynda, ol düzelip başlaýar, adamlaryň özi hakdaky pikirini üýtgetmäge çalyşýar. Munuň özi biziň milli özboluşlylygymyzdyr, munuň özi biziň täsin ruhy terbiýämizdir, bu biziň taryhymyzdyr – türkmençiligimizdir.

Türkmençilikde kyýamatlyk dogan okaşylsa, süýdeşden aýry görülmeýär. Görogly bilen Agaýunus Öwezi kyýamatlyk ogly edip alýarlar.

Türkmenler myhmana uly hormat goýupdyr. Hat-da duşmany öýüne myhman bolup gelse-de, onuň hununy geçipdir. Ýa-da myhman bir etmişli bolup gelse, öý eýesi ony yzyndan öç almaga gelenleriň eline bermändir. Ata-babalarymyz myhman garşylamagy häsiýetine siňdiripdir. Her gün nahar bişirende “myhman paýyny” goşup bişiripdir.

Ilimiz gadymdan bäri “Myhman atańdan uly” diýen paýhasa eýerip gelýär.

Türkmen ruhunyň beýikliginiň köp taraplarynyň ýüze çykýan, köptaraply we çylşyrymly gatnaşyklaryň ulgamynyň belli bolýan ýeri öý-işikdir. Bu ýone ýere däldir. Öý – maşgalanyň ýaşaýyş mesgenidir. Biziň ömrümiziň köp bölegi öýde – maşgalada geçýär. Şonuň üçinem, ruhubelentligiň şerti ömür sürmegiň şertleri san taýdan, köp jähetliligi öý edebiniň ulgamy bilen düzgünleşdirilýär.

Öý – öwülýädir! Türkmençilikde synmaz kanunynyň öwrülen bu kesgitlemäniň anyk manysy öý – mukaddeslikdir diýmekden ybaratdyr. Millet jemgyýetden ybaratdyr, jemgyýetiň esasy birligi, jemgyýetiň esasy daýanjy bolsa maşgaladyr. Jemgyýetiň ahlak, ruhy we edep kämilligide – maşgalanyň kämillik derejesine baglydyr. Jemgyýet maşgaladan başlanýar. Jemgyýeti sagdyn we arassa saklajak bolsa, maşgalany sagdyn we arassa saklamaly. Jemgyýetiň azmazlygyny isleseň, maşgalanyň azmazlygynyň aladasyny etmeli. Jemgyýetde durnuklylyk, abadançylyk we parahatlyk bolmagyny isleseň, maşgalanyň durnukly we abadan we parahat bolmagyny gazanmaly. Jemgyýetiň dynçlygy we önşuklygy maşgaladan başlanýar".

**Türkmen toýlary barada.** Türkmen taryhyny, medeniýetini çuňňur öwrenmek bilen, Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Mukaddes Ruhnamasynyň ikinji kitabynda ata-babalarymyzdan gelýän durmuşymyzda bellenilýän toýlar barada belläp geçýär:

"Türkmençilikde çagyrylan taýuňa hökman barmak, çagyrylmadyk toýuňda görülmezlik esasy edep kadalaryndandyr. Toýda başyň aýlanmaly däl, göwnüň açylmaly. Şagalaňa goşulman, bir çete çekilip oturmak, käbir kemçilikleri agzap, toýa at dakmak, toýa göwnüýetmezçilik etmek, arak-şerap içip, dawa-jenjel turuzmak uly aýypdyr.

Türkmen toýlary bagşysyz, pälwansyz geçmeýär. Bulardan başga-da, kämahal at çapyşygy-da, küşt, ýüzük, düzdüm ýaly oýunlar-da guralýar. Toýçy bolsaň, bulara işjeň gatnaşyp, toý şatlygyna goşulmak parzdyr. Eliňden gelse, toýa hyzmat etmek uly abraýdyr. Toý eýesi başlaýar, il-gün bolsa sowýar. Şonuň üçin hem nahar-şam atarmaga, çaý gaýnatmaga, toýa gelen ýaşulylara, alysdan gelen myhmanlara, başy-sazandalara hyzmat etmek – il ogly bolmakdyr. Türkmençilikde toýy abraý bilen sowmaga gatnaşmagy özüne kesp edinen

adamalr aýratyn tanalaýar we olara üýtgeşik sarpa goýulýar. Beýle kişilere iliň hyzmatyna ýaaýan adamlar diýilýär.

Iliň toýuna goşulmak – durmuşyň şatlygyny ykrar etmekdir. Toý – göwün baharydyr. Baharyň işine ýardam etmek, toýy toýa meňzetmäge ýardam etmek türkmenlikdendir.

Biziň adatymyzdan däp döräpdir, däbimizden dessur döräpdir".

**Manyly ömür barada**. Türkmençilikde: "Bäş gün ömür" diýilýär. Beýle düşünje gadymyýetden alyp gaýdýar. Milli ruhumyzyň ikinji eýýamynyň ruhy baş tutany Gorkutata türkmen öz dileglerinde mert ýigitlere üç otuz, on ýaş arzuplapdyr. Munuň özi ýüz ýaş bolýar. Magtymguly Pyragy hem adam örüni ýüz ýaş bilen aýawladýar. Şunça ýaşy bäşe böleniňde her ömür menzili ýigirimi ýyldan ybarat bolýar. Oguz han atamyza şondan ýedi ýyl artyk ýaşap ötmek miýesser edipdir. Şonuň üçinem türkmençilikde ýüz ýedi ýaş Oguz han müçesi hasaplanýar, oňa ýeten kişiler bagtly saýylýar.

Emma, her näçe ýaşasaň-da, dünýäniň kanunyna görä bir gün amanadyňy tabşyrmaly. Bu ajy hakykatdan türkmen uly-uly sapaklar edinipdir. Hatyra edebini döredip, diňe bir dirilige däl, eýsen ölümede ruhybelent garaýşy yerbiýeläpdir. Her bir adam özüni bilip ugrandan, ölümini goýup alyk bolmalydyr. Ölümden gorkmaly däldir, ölümiň öňünde ejizlemeli däldir. Mertligiň ulusy ölümiň gözüne gorkman seredip bilmek, namartlygyň iň pisi ölüm öňünde ejizläp, masgara – ryswa bolmakdyr. Ölüm bolmasa, dirilik hem bolmazdy. Ölüm bolmasa, dogulyp hem bolmazdy.

Diňe başlanmaýan ýol gutarýan däldir. Dirilik ölümiň bardygy bilen tagamy gelýändir.

Ölüm sapakdyr. Ölüme ýeňles çemeleşýän adam, ömrede sarpa goýup bilmez.

Ömri ýatdan çykarmak, terki dünýälige, ölüme ýada salmazlyk. Dünýäparazlyga getirýändir.

Ýaşaýyş hiç mahal islenilmeýän, emma islegiňe bakman, ömür gapyňdan bir gün hökman özüniň ýowuz ädimlerini ädip girýän myhman bardyr. Onuň ady ajaldyr. Kim ömrüni maksatly hem manyly geçirse, ajalyň gözüne arkaýyn we ruhybelent, gorkman hem ejizlemän garap bilýändir. Maksat – ömrüň mazasy we ölümiň bela gerdanydyr".

## Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda bilim-ylym barada

**Hormatly Pezidentimiz bilim ulgamy barada.** 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 11-nde bolan Prezident saýlawlary Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň möhüm synagdan geçmegi, onuň ýaşaýşa ukyplydygyny ýene-de bir gezek iş ýüzünde doly subut etdi. Saýlawlaryň netijesinde Türkmenistanda ýokary döwlet häkimýeti Türkmenistanyň Baş Kanuny esasynda adaty ýagdaýda asuda hem-de parahat ýol bilen çalyşdy. Ählihalk ses berilişiginiň netijesinde döwletimiziň Prezidentligine Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow saýlandy. Saýlawlaryň şeýle netijeler bilen tamamlanmagy halkymyzyň Garaşsyzlyk eýýamynyň many-mazmunyna eýerdi.

Ählihalk ynamyny gazanan Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň täze ösüşlere hem-de galkynyşlara gönükdirilen çeýe syýasaty bilen Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda döwrebap özgertmeleriň giň tapgyryny amala aşyryp başlady. Hormatly Prezidentimiziň döwlet işi esasan üç ugurda: 1) durmuş syýasatynda, 2) ykdysadyýetde we 3) daşary syýasy-ulgamda ýaýbaňlandy. Bu syýasatlaryň baş maksady Türkmenistanyň halkynyň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, ykdysady özgertmeleriň giden tapgyryny amala aşyrmaga, döwletimiziň halkara at-abraýyny beýgeltmäge hem-

de Ýer ýüzünde ähhlumumy parahatçylygy berkitmäge gönükdirilendir.

Türkmen halkynyň şanly geçmişini, buýsançly taryhyny millilik esasynda täzeden ýazmakda, ondaky nämälim sahypalary anyklamakda külli türkmeniň Mähriban Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýakyndan ýardam bermegi netijesinde Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda okamaga, işlemäge giň mümkinçilikler döredildi. Döwlet durmuşyndaky, jemgyýetiň ýaşaýşyndaky, halkara gatnaşyklar ulgamyndaky täzelikleri, öňegidişlikleri, ýüze çykýan dürli meseleleri öňi bilen syýasatçylar, döwlet işgärleri duýýarlar. Biziň ýaşaýan eýýamymyzyň her bäş-on ýyldan ösüşiň hil taýdan täze basgançagyna geçmek aýratynlygy–häsiýeti bar. Ylmyň, tehnikanyň, ösen tilsimatlaryň täsiri bilen ykdysadyýet çalt depginlerde ösýär. Ykdysady ösüş hem öz gezeginde içeri we daşary syýasatyň işjeňleşmegine, kämilleşmegine, durmuşyň düýpli özgermegine getirýär. Emma ösüşler adamzadyň öňünde täze-täze meseleleri hem ýüze çykaryp dur. Şonuň üçin hem jemgyýet şol meseleleri çözmäge hemişe taýýar bolup durmaly bolýar.

Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady hem-de medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda hil taýdan täze döwür–täze eýýam başlady. Türkmenistan döwletiniň Garaşsyzlyk taryhynda başlan bu döwri halkymyz turuwbaşdan Täze Galkynyş eýýamy diýip atlandyryp ugrady.

Gysga taryhy döwrüň içinde döwlet durmuşynyň bu ugurlarynda ummasyz uly işler amala aşyryldy we aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan uly tutumly işleri öňi bilen durmuş syýasatyny kämilleşdirmekden hem-de ösdürmekden başlanandygyny aýratyn bellemek gerek. Eýýäm Prezidentlige ak pata alan gününiň ertesi, ýagny 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne ýurt Baştutanymyz “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” möhüm resminama gol çekdi. Şondan soň mart aýynyň 4-ne “Bilim-terbiýeçilik

edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda”, şol aýyň 30-na “Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda” Permanlara gol çekdi.

Mähriban Prezidentimiziň beýik Galkynyşlar eýýamynda durmuşa geçirýän oňyn özgertmeleri, il-ýurt bähbitli tutumly işleri netijesinde Türkmenistanda asyrlara barabar ösüşler gazanylýar. Ýurdumyzda höwesjeň, zehinli ýaşlary ýüze çykarmaklyga we olaryň ussatlaşmagyna gönükdirilen örän oýlanyşykly syýasat eýýäm özüniň bol miwelerini berýär. Munuň şeýledigini dürli bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edýän zehinli ýaşlarymyzyň döredijilik kämilligi-de aýdyň tassyklaýar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy ösdürmek boýunça geljekde ýerine ýetirmeli möhüm işleriň birinde “Medeniýetde– bu halkymyzyň medeni mirasyny gorap saklamakdyr hem-de ony geljekki nesillere galdyrmakdyr, milli ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy gaýtadan dikeltmekdir, ilatyň bilimini we umumy medeniýetini dünýä ülňelerine laýyk derejä galdyrmakdyr, ene dilimizi ösdürmekdir” diýip kesgitledi.

**Hormatly Pezidentimiz ylym barada.** Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzda ylmyň mundan beýläkki ösüşiniň derwaýys meselelerine bagyşlap Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm waka bolan bu maslahatda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeşiň ygtyýarynda Ýokary hünär-synag toparyny döretmek, aspiranturany we doktaranturany açmak hakynda möhüm çözgütler kabul edildi. Iň esasy zat bolsa, ýurdumuzda köp ýyllaryň dowamynda işlän we döwletimiziň ylmy kuwwatynyň artmagyna, ýokary derejeli ylmy

hünärmenleriň–ylymlaryň kandidatlarynyň we doktorlarynyň ösüp ýetişmegine saldamly goşant goşan Ylymlar akademiýasy açyldy. “Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek” we “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda” ýaly möhüm Permanlara gol çekmegi Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek, biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris” diýen taryhy şygaryny amala aşyrmakda wajyp orny eýeleýär.

Ylymlar akademiýasyny açmak hakyndaky taryhy kararyny ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiligi XXI asyrda türkmen halkynyň taryhynda iň möhüm waka hökmünde häsiýetlendirdi.

Halkyň geçmişde gazanan ruhy hem-de maddy mirasyny dünýä halklaryna tanatmak, ýurduň daşynda öz halkyň ynsanperwer ruhy dünýäsi hakynda gowy garaýyşlary döretmek hem daşary syýasatyň bir ugrydyr. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylyk edýän milli hökümeti bu ugurda-da uly işleri durmuşa geçirýär. Eýýäm gysga taryhy döwrüň dowamynda köp ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda Türkmenistanda talyp ýaşlaryň “Mukaddes Ruhnamanyň bilim-terbiýe hazynasy we dünýä ýaşlary”, “Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy”, “Mukaddes Ruhnama–täze müňýyllygyň pelsepesi”, “Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri” atly, türkmeniň meşhur Piri Mäne Babanyň ömri we döredijiligi, türkmen binagärçiliginiň genji-hazynasy bolan Nusaý, Seljuklar döwleti hakynda we başga-da onlarça halkara ylmy maslahatlary, seýle hem “Milli folklor we teatr sungaty” halkara festiwaly geçirildi we geçirilýär. Nusaý ýadygärlikler toplumynyň ÝUNESKO tarapyndan adamzat mirasynyň sanawuna girizilmegi hem bu ugurda alnyp barylýan anyk işleriň netijesidir.

**M A Z M U N Y**

**1. GIRIŞ..……………………………………. ……….7**
**2. Usulyýet we usullar………………………. ……...15**
**3. Taryhy edebiýatyň usulyýet meseleleri…………….19**
**4. Taryhy çeşmeleriň  usulyýet meseleleri…………….24**
**5. Taryh we çeper edebiýat: usulyýet meseleleri……..29**
**6. Taryhçynyň döredijilik laboratoriýasy…………….31**
**7. Türkmen taryhynda şahsyýet problemasy…………37**
**8. Tükmen taryhynda döwlet meselesi………………..46**
**9. Taryh we din: metodologiýa meseleler……………..52**
**10.Türkmençilik: taryh we häzirki döwür……………57**
**11.Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler**
**zamanasynda bilim-ylym barada............................61**